**Ak Welsapar**

# AÝPI HAKYNDA ROWAÝAT

*Gysga roman*

**Aşgabat**
**1988**

**Ak Welsapar. Aýpi hakynda rowaýat: gysga roman. – Stockholm: Gün neşirýaty, 2010 – 90 s.**

*AK WELSAPAR, türkmen ýazyjysy, Şwed Ýazyjylar guramasynyň agzasy. Ýazyjylaryň Halkara PEN-klubunyň hormatly agzasy. Eserlerini türkmen, rus we şwed dillerinde ýazýar. Milli we Halkara edebi baýraklaryň birnäçesiniň laureaty.*

***”Aýpi hakynda rowaýat”** Hazar deňziniň ýakasynda gadymdan mekan tutan türkmen balykçylarynyň kyn güzeranyndan gürrüň berýär. Eseriň gahrymanlarynyň başyna öz ata-baba ýurtlaryny ýitirmek howpy abanýar. Elbetde, bu zulum meýletinlik hökmünde gurnalýar. Sebäbi häkimiýetler balykçylaryň ellerinden olaryň mekanyny goh-galmagalsyz almaga dyrjaşýarlar. Emma küreniň iň gujurly balykçysy olaryň garşysyna çykýar.*

*Eseriň gahrymanlarynyň arasyndaky gatnaşyklar tebigy güýçleriň özara müdimilik gapma-garşylygynyň we mistiki güýçleriň goşulmagy bilen dura-bara has-da ýitileşýär.*

©Ak Welsapar
”Gün” neşirýaty
STOCKHOLM
2010

***Hazaryň ýakasyndaky hak-hukuksyz türkmen balykçylaryna bagyşlanýar***

**Meniň ygtyýarym berme pelege!**
*Magtymguly, XVIII asyr*

# 1

Deňziň kenaryndan taýak atymda kowçum bolup oturan küreniň orta gürpündäki pessejik tamkepbeden düwdenekläp çykan sekiz-dokuz ýaşlaryndaky horja, garaýagyz oglanjyk, edil atýalman ýaly towsaklap, entek ukudan oýanyp ýetişmedik darajyk hem egrem-bugram köçeleri öz ýitije sesi bilen tisgindirdi:

– Bekre! Bekre alan, bekre!

Oglanjygyň elinde içi balykly örme sebet bardy. «Bekre! Bekre!» diýip, ol biri-birine edil ekiztaýy ýaly meňzeş görnüksiz tamkepbeleriň arasy bilen daşlaşyp barsa-da, ýitije sesi welin, entegem öz öýleriniň üstünde köwsarlaýardy.

Görnüşine görä, hut şu ses hem tamkepbäniň eýwanynda gijeki awdan gelip, daňdanyň süýji ukusyna ýaňyja oraşan balykçyny ukudan oýaryp, ynjalykdan gaçyran borly. Ol güýzüň howasyna bulanyp ugran deňizde şöwür çeken ýadaw gözlerini gerjeşdirip, kynlyk bilen açdy-da, töweregine närazy garanjaklady. Golaýda aýalyny görmänsoň, bokurdagyna bat berdi:

– Aýbäbek!

Oňa ses beren bolmady. Gapynyň irimçik matadan edilen ýagdyr gum siňen eňsisi şol öňküsi ýaly tamkepbäniň gamyş diwaryna çygşyldap urlup, deňiz tolkunlarynyň endigan güwwüldisine gamyşyň pessaý sesini goşmaga ymtylýardy. Balykçynyň argyn gulaklaryna bu wagt öz öýünde ýatyp, armazak deňziň çagalykdan öwrenşikli müdümi güwwüldisini

diňlemek ýakymlydy, häzir bilniksizden bu lezzeti öz elinden alýandyklary üçin ol hemme zatdan beter nägile boldy.

– Aýbäbek! – diýip, ol eýwanyň yşlaryndan düşýän ýiti gün şöhlesinden ýüzüni ikiýana sowup, gaçyryp, gaýtadan gygyrdy.

Içki jaýdan saçy endigan daralan owadan, kiçeňräk aýal kellesi göründi.

– Ýatyber, men bar – diýip, ol dyzyna dökülip duran gara saçlaryny dagdan darak bilen aşaklygyna darap durşuna seslendi. – Näme gerek?

– Şol köpeý ogluna öwredip bolanokmy, küreni godukladyp ýörme diýip! Barybersin her gapydan aýratyn, näme göçi geçýärmişmi!

– Häzirjek… – aýal içki otaga sümüldi. Başyna öýmesini atynyp, daşaryk ýumlugyp barşyna çalarak hüňürdedi: – Göçümiziň geçýäni ýalanmy? Geçmänem duranok… Uly il göçüp, seniňem göçülen ýurtda täk özüň galsaň, göçüň geçdigi bolar-da şol.

Aýal çykyp gidensoň, öýe ümsümlik aralaşyp, balykçy ýene-de gözlerini ýumdy. Aýbäbegiň ýakymly dury sesi bolsa tizara köçäniň aňry tarapyndan çykdy.

– Babajan! Baba, gel, oglum, bäri! Gel, birzat aýdaýyn!..

Oglanjygyň ýitije sesi şobada tapba kesildi...

Az salymdan yzyna dolanyp gelen aýal eňsini şagyrdadyp, öýe girdi. Deňinden geçiberjek bolanda, aýak sesinden onuň öz golaýyna gelendigini duýan äri, gözlerini açmazdan, elini uzatdy-da, ýaş aýalyň bilinden dolap aldy. Aýbäbegiň iki çaga dogursa-da entek gyz näzikligini, çeýeligini ýitirmedik inçe bili balykçynyň güýçli gujagyna düşdi. Garşylygyna bakman, äri ony aňsatlyk bilen aşagyna çekdi.

– Beýtmesene, Annameret! Beýtme… Bäbek oýanaýmasynla bir...

– Oýanasy ýok.

Egin-de-çigin bolup duran balykçy ýokaryk omzap, çepiksije aýalynyň üstüne öz agyr labyryny atdy.

– Goňşy-golam gelse nätjek? Hany, goýbersene, oglan! – aýaly onuň elinden sypjak bolup dyzady...

– Gelibem bir görsünler! Goňşulaň daň bilen bularda näme işi bar, gabry gazylypmy olaň bularda?

– Bu oglanyň diýýänini… Gonşy – gonşy bor-da, gelesi gelse, nämüçin gelmesin? – aýaly ýene-de balykçynyň bürgüdiňki ýaly güýçli penjelerinden sypjak boldy, haslap, gyzgyn demi bilen äriniň ýalaňaç eginlerini çirkizdi... – Duldegşir goňşularyňa ”bize gelmäň, biziň gapymyzdan garamaň!” diýjekmi?

– Gelmesinler! Maňa şolaryň geleni gerek däl! Olar menden ahyr almytyny alarlar...

Aýaly howsala düşdi.

– Bolşuň näteňed-ä, oglan! Beýder ýaly, olar bize näme ýamanlyk edenmişler?

– Etmese – ederler, entek ýetişen däldirler. Ynha, bir amaty gelsin, şonda gözüň görer, garaşyber. Soňky döwürde olar meň bilen salamy zordan alyşýalar, hamana, men olaň tutan balygyny alan ýa gaýygyny gark eden ýaly…

– Ýok garany sürtmesene, oglan, ile. Olaň duşmançylygy ýog-a bize. Öz ýanyňdan özüň ýöne...

– Hany, bes et! Men olaň soňky döwürde nämäniň küýündedigini bilýän, hemmesine belet. Bilýäňmi, olar ysyrganyşyp, meniň awda ele düşerime garaşýandyrlar, şonda, baý, heşelle kakarlar-a! Şonda olara öz ýöwselliklerini aklamaga näçe diýseň, sebäp tapylar.

Aýbäbek onuň bilen ylalaşmady.

– Sen halys ”was-was” boljak. Näme sen olar deňizden irendir öýdýäňmi! Kimiň deňze çykasy gelmez? Ýöne ýol

bermeseler, il görgüli nätsin? Gudrat hökümetiň elinde, adamlarda näme gudrat bar? Boýun bolmasaňam, bolarsyň. Şu kürende boýun egmedik bir sen… Gije-gündiz seniň yzyňda gorkup, titräp oturanam men biçäre.

Annameret aýalynyň sözlerine az-owlak diňşirgense-de, öz eňegine tutdy.

– Adamlarda nämüçin gudrat bolmaly däl, beterem bar, ýöne gudratyňy görkezmek üçin gaýrat gerek, oň üçin iru-giç diliňi ýarmaly! Gorkmasaň, gudratlysyň-da! Emma ýokardan näme buýruk gelse, ”lepbeý” diýip otursaň, kim seniň barlygyňy bilsin? Kim seniň ýagdaýyň bilen gyzyklansyn, pikiriňi alga alsyn? Öz hakyny talap edip bilmedikdenem bir adam bolarmy?

Aýbäbek, entek gyzyşybermänkä, adaty aýal ätiýaçlygy bilen ärini köşeşdirjek boldy.

– Diliňi ýarsaň, soň onuň yzynyň nämä barjagyny kim bilýär? Ýakaňdan tutup, eleslediberseler, çagalaryňdan, öýüňden-öwzaryňdan aýryp, gözüňi Sibirden açsalar nätjek? Ozal bu obadan ýitirim edilen gytmy? Adamlaryň gözleriniň ody alnan, şoň üçin dymýalar.

Annameret bu howsala bilen ylalaşmady.

– Diliňi ýarmak üçin ilki ony birikdirmeli. Dogry pikiri bileleşip diýmäni öwrenmeli, diňe şonda sözüň ýer kerter, ýogsa näme, aýdarsyň – goýarsyň. Ýekäniň çaňy çykjakmy? Bir adam diňe görelde görkezip biler, emma bir özi hemme zady üýtgedip bilmez. Adama dil hem düşünje berlipdir, nämüçin ol şolary öz ýerinde ulanmaly däl?

Gep şuňa gelende, aýaly ýene-de köneki ahmyryny ýüze çykarman durup bilmedi.

– Ah, Annameret, öz wagtynda gedemlik edip, ýokary okuwyňy taşlamadyk bolsaň, bu çaka çenli senem şäherdäki edaralaryň birinde hojaýyn bolup oturardyň, kelläňe sypal

şlýapa geýip, salkyn kabinetden girip-çykardyň. Menem, çagajyklaňam beýdip, jokrama Günüň astynda kösenip ýörmeli bolmazdyk, oňa derek salkyn tamda ýaşardyk.

– Ikimiziň salkyn tamdan girip-çykanymyz bilen dünýe düzelýärmi, hä?

– Düzelmände, bu taýda indi näme iş bitirip boljak? Hemmesi biderek. Adamlara balyk awlamak gadagan edilensoň, bu kenarda indi näme gyzyk galdy? ”Göç” diýlen ýere ümsümje göçeniň gowy dälmi nä?

Balykçynyň sesinde gyjalat eşidildi.

– Adamlaryň ýöwselligi bizi şu ýagdaýa salan. Öz öýüňi goramak üçin akyl bilen gaýrat bile gerek. Olaň birden biri kem bolsa, beýlekisinden ne peýda? Biziň ata-babalarymyz bu kenary gorapmy – gorapdyr, biz nämüçin onsoň goramaly däl? Aýpi hakyndaky rowaýat ýöne ýerden çykan däldir. Kesekiniň ýerine, emlägine göz dikýänler ozalam bolupdyr, indem bar. Ýöne ozal olardan gorkman goranypdyrlar, indi gorkuşyp otyrlar.

– Indi döwür başga – diýip, aýaly ynamsyz seslendi.

Annameret kinaýaly gepledi:

– Şol döwür bilen bu döwrüň arasynda näme tapawut bar? Öz ojagyňy goramasaň, her haçanam oňa tokunjak tapylar, döwrüň bularda näme işi bar?

Aýbäbek aýal paýhasyna tutdy:

– Indi gadymy döwür ýok, dil birikdirip, näme edeýin diýseň, ediberer ýaly: döwlet bar, hökümet, kanun... Olardan gaçyp gitjek ýeriň nire? Onsoňam her kim özüni gaýgy edenok…

Annameret sesini gataltdy:

– Onda kimi gaýgy edýär? Elbetde, özlerini gaýgy edýändirler, ýogsa başga kişi üçin beýle ýöwsellemek nämä gerek?

Aýbölek ”ýesirlikden” boşajak bolup ýene bir gezek synanyşyp gördi, emma bu netije bermänsoň, ýüzüni kese sowup, öz nägileligini bildirdi:

– Adamlar öz maşgalasyny, çagalaryny gaýgy edýärler, şonuň üçin olar ätiýaçly. Seniň üçin bolsa, biziň barymyz-ýogumyz des-deň.

Äri gaharlanyp ugranyny bildirip, gapdala agdy, aýasyny alkymynyň aşagyna tirsekläp, ynjyly gürledi:

– Maşgalasyny, çagalaryny alada edinýän adam öz obasyny taşlarmy? Seniň diýýäniň näme? Bular edil öli balyk ýaly akymyň ugruna akýarlar! Gaýgylary – gara başlary! Gorkaklar…

Bu kürende iki-ýeke öz hem daşkyrak garyndaşlarynyň bardygyny ýatlan Aýbäbegiň sesi öýkeli çykdy:

– Şularda gorkak ýok. Sen barmak çommaldyp, kime ”sen gorkak” diýip biljek, kimi tanaňok?

– Balykçy bolup, derýa girip bilmeseň – gorkak boldugyň bor-da! Bulaň hemmesi ata-baba hünärini taşlady. Balykçymyň – suwda gez, gury ýerde nä körüň bar?!

Aýbäbek öte geçip, äriniň öňküdenem beter gaharyny getirmekden çekinip, ýuwaşady.

– Adamlar alaçsyz…

– Alaçsyz borsuň-da, diliňi birikdirip bilmeseň, öz aýtjak pikiriňden entek aýtmankaň gorkup ýörseň.

– Bilemok… – diýip, aýaly sesini gataltman, dowam etdi: – ýöne bularyň hiç birinde saňa ýamanlyk ýok.

Balykçy uludan demini aldy.

– Sen ýalňyşýaň, bular meni halamaz, bagyşlabam bilmezler. Men bulaň öz başarmaýan işlerini başarýan, onsoň nämüçin olar meni halasynlar? Ele düşen günüm – hemmesi belli bolar. Meniň eýýäm jerimäm kekirdekden, ele düşsem, indi maňa diňe demir gözenek garaşýar. Şonda meniň arkamy

aljak tapylar öýdýäňmi? Ähli toýlarynda palawy gyzyl balykdan bişirýändiklerini asyl ýatlamazlar, görersiň. Özlerine zyýan berjek zady ýatlap nätsinler?!

Ärini deňizden alyp galyp bilmejegini aňsa-da, çemi gelende, Aýbäbek synanyşyk etmesini goýanokdy, bu wagtam ol ärini yrjak boldy.

– Seniňki telek diýýän ýok, ýeke çykaňsoň, goňşular seni gark alar öýdüp gorkýalar… – Araky güýçli çabga guýan gijesi ýadyňdamy? Sen ony Aýpiň depesinde geçiripdiň öýdýän, ýadyňdamy?

Äri göwünli-göwünsiz jogap berdi:

– Bolanda näme ýadymda?

– Ana, şonda Gutly özünden bilip, bize kömege geldi. Ýogsa, Babajan ikimiz eýgerjekmi jaýyň üstüne çykyp, şol agyr brezenti ýapmagy, hijem eýgermezdik, güýç ýeter ýalymy oňa? Tünegimiziň ýagdaýynam-a özüň görýäň...

– Eýgermän näme... Kynçylyk adamyny ýykanok, gorkaklyk ýykýar. Kynçylykda adamyň eti gataýar, ýüregi sarlanýar. Kynçylygyň nämedigini men senden gowy bilýän.

Aýaly ýene öýkeli gürledi:

– Men nä saňa bileňok diýýänmi? Goňşulaň saňa ýamanlygynyň ýokdugyny aýtjak bolýan, olar seni ýazgaryp duranoklar. Bar aýyplary – deňze çykyp bilmeýändikleri, ýöne sen ony ýamanlyga ýorma. Adamlar halys ýadadylar, öňki işlerinden, ozalky yrsgallaryndan tamalaryny üzdüler, şoňa düşün.

Annameret öwhüldedi:

– Kim ýadanok, ýöne ýadadym diýip, ata-babaň hünärini taşlamak bolmaz-a!

– Wah, Annameret, Annameret! Senem bir mugyra gelseň il ýaly, etmesiz işi etmeseň, şu pişäňi taşlasaň, menem öýümiň töründe aýagymy uzadyp otursam arkaýyn. Heý, şundanam

bir gün bormy… Uly iliň kaýyl gelenine senem kaýyl gelseň, bizem ile meňzesek. Seniň gözsüz batyrlygyň agramy gelip-gelip, maňa düşýär, sen şony bileňok.

Annameret aýalyndan närazylygyny bildirip, gözlerini alartdy.

– Bilýän. Ýöne meň duran ýerimde senem durarsyň. Deňze girmäge gaýrat gerek. Bu nalajedeýinlerde gaýrat galdymy, olar sençe ýok. Indi olar deňze dolanaýyn diýselerem, dolanyp bilmeseler gerek. Bile gidäýselerem, aýaga çolaşmakdan başga iş bitirmezler. Arada maňa ”çapaga gideli” diýýär gaýraky goňşy…

– Amanwelimi? – diýip, aýaly janlandy. – Ana, gördüňmi, diýdim-ä, men olaň deňzi küýseýändigini!

Äri ýüzüni çytyp, dodaklaryny kinaýaly gyşartdy.

– Bir kemim şolar bilen çapaga gitmekdi! Sen olaryň ýanyna Babajany goş… Tüýs şolara ýoldaş bolaýjak! Ýyllap derýa girmedik adamlardan hem bir balykçy bolarmy! Olaryň indi Babajandan parhy nä: dalak ýaly bulut görseler, galdyraşyp ugraýalar, sähelçe şemal öwüsse-de, torlaryny ýygnaşyp, gara başagaý. Bekräň gerşi ýaly tolkun geläýse-hä – gutardygy!

Aýaly ýene-de ätiýaçlyragada garşy çykjak bolup gördi.

– Deňizden gorkmaly ýerem az däl, şulaňky dogry bolaýmasyn? Deňziň güýji güýçmi nä, oýun eder ýalymy? Sen bolsa mydama ýeke gidýäň, gyssanan ýeriňde kim seň dadyňa ýetişjek? Arman, çagalar bilen çörňeşip otyryn, ýogsa, senden galmazdym. Beýdip ýörme-de, senem il ýaly kaýyl gel, aç ölüp baramzok, il deňinde bir işjagaz edin-de, gatna-da ýör-dä.

Annameret birden gaharlanyp gygyrdy:

– Men awçymy ýa dälmi! Men çarwamy ýa balykçy! Adam öz ata-baba gelýän kärini ýöredip bilmese, nähili bor?!

Adamyň öz göwün söýen hünäri bolup biler-ä! Bilermi ýa ýok?

– Ýuwaşrak-la, oglan, goňşulaň ýüregini ýaraýma, bazar güni bolansoň, millet ýatandyr, indi öňki ýaly däl, adamlar bazar güni dynç, işden boş. – Soňra aýaly onuň jogabyny berdi: – Hawa-da, bolsa bolýandyr, ýöne men häzir başga zadyň gürrüňini edýän… Indi bu obada kiçi gaýyga janyny ynanyp, gije derýa girjek ýok. Şularda basym ikimizden başga adam galmaz. Uly il indi göçmäge boýun boldy, Käbe ene näme, şolam göçürseler, göçjek diýip otyr, ýogsa biri galsa, şularda şol galmaly.

Aýalynyň soňky aýdany Annamerediň halys janyna degdi, ol edil kimdir biri dabanyna temen sünjen dek, gygyrmana-da ýaraman, iňňildedi… Aýalyny sessiz-üýnsüz gujagyndan goýberip, soňam ony alarladyp ugrady:

– Gitseler, gümündenem aňryk gitsinler! Ugrasynlar edil şu wagt! Senem gümüňi çek! Men galjak şularda, men şulardan hiç ýere gitjek däl, öldürselerm gitmen! Şulary meň göbek ganymyň daman ýeri, hon-ha, hol depäň aňyrsynda ata-babalarymyň mazarlary ýatyr. Men olary taşlap, bulardan nirä göterilmeli? Dädem-de, dädemiň dädesi-de şularda guma garylyp ýatyr, babam-da, babamyň babasy-da – ýedi arkam! Men olary taşlap, nirä gideýin?! Şulary – meň kenarym, meň topragym, meň derýam! Top süýrän gelse-de, gitmen! Edil gapyrgasyny uşadaryn kim giderjek bolsa, janyndan iren geläýsin!

Ol beýlesine agdarylyp, sesini kesdi, demini sojap aldy. Biraz sowaşansoň, pessaý äheňde gürledi:

– Eňek atyp ýatyrka, dädem maňa şeý diýipdi: «Şu deňzi, şu kenary taşlap gitmegin. Biz çarwa däldiris, çomurdyrys, balykçydyrys. Menem, meniň dädemem, dädemiň dädesem şularda balyk awlap, güzeran aýlapdyrlar, diýmek, senem,

seniň çagalaryňam balykçy bolarlar”. – Balykçynyň gussaly sesini aýalynyň ýuwaşja horkuldysy bozdy, ýöne Annameret sähelçe sägindi-de, ýene dowam etdi: – Maňa şu kenar dädemden miras galdy. Eger men şundan el ýuwsam, onda tüwmaýak galaryn, eşidýäňmi – tüwmaýak! Häzir welin, meniň mertebäm bar, iň bolmanda, öz gözümiň öňünde! Öz kenarymda ýaşaýarkam, öz ýerime eýekäm, entek öz kenarym barka, men adam. Şoň üçribem, giden gtsin, meň şu taýdan başga gitmäge ýerim ýok. Men galýan.

Ol aýalynyň hemişekisi ýaly ýene sessiz aglaýanyny bilip, oňa tarap öwrüldi-de, ony gaýtadan gujagyna aldy, berdaşly aýalary bilen onuň öl ýaňaklaryny dözümli syldy.

– Ah, Annameret, bu zatlaň yzy nämä bararka… Oňňullyk bilen gutarsady käşgi… Onda men hemmesine çydaryn, ýöne men gaty gorkýan, edil süňňüm bir erbetlik syzýan ýaly… Öten agşam sen dolanyp gelmersiň öýdüp gorkdum, düýşümde ýene gara basypdyr. Soňky döwürde kirpigim çatylsa – gara basýar.

Balykçy aýalyny has-da berk gujaklady, ony deňziň ysy ornap giden döşüne gysyp, köşeşdirmäge girişdi.

– Düýşi azrak görerler. Eglensem-de, men ýene yzyma gelýän ahyry. Her gezegem şeýle, ýene-de şeýle bolar. Ondan beýlesinem, özüň bilýäň, suw küýzesi suwda synýandyr, gury ýerde däl...

Ol bu gezek has-da üýtgeşik güýç bilen aýalyny bagryna basdy. Çepiksi aýal balykçynyň güýçli gujagynda edil buluda giren Aý ýaly ýiteňkirläp, ýassygyň üstünde onuň diňe uzyn gara saçlary görünýärdi. Balykçynyň deňiz suwuna hem Gün nuruna bekän berdaşly egnine basylan gyzgyn aýal dodaklarynda, dilinde deňziň şorumtyk tagamy galdy...

## 2

Gün iki deňlenende köneden oturymly balykçylar küreniniň erkek göbeklilerinden birnäçesi deňziň gyrasynda, çägeli kenarda, atam döwründen bäri ýatan warak ýelkenli gaminiň ýanynda ýygnandylar. Olaryň ýüzleri salykdy, kagyzdan çilim dolanyp, ajy temmäkini üznüksiz burugsadýardylar.

Soňky ýyllarda gutulgysyz ýakynlaşyp gelýän hadysa indi olaryň ýakasyndan ebşitlap tutdy – haýal etmän, şähere göçmeli diýen buýruk geldi. O taýda olara betondan gurlan täze öýler garaşýardy. Kürenden eýýäm göçüp gidenlerem bardy. Göçüp gidenler täze ýere öwrenişip, o taýda täzeçe ýaşap başlapdylar, kenarda galanlar bolsa, entegem haýsydyr bir inçejik umyt bilen ýaşaýardylar – belki, bu gezegem birnäçe ýyl mundan ozalkysy ýaly, ýokarlarda bir ýerde pikirlerinden dänerler. Şonuň üçinem göçmäge gyssanman, bilgeşli haýal-ýagallyga salýardylar.

Bu üýtgeşiklikleriň başy, dogrusy, ýakymly zatlardan, hatda buşluk habaryndan başlanypdy. Birnäçe ýyl mundan öň bu taýda barlag işlerini geçiren lukman alymlar “Bu kenar duranja bir ozon ýatagy eken!” diýen netijä geldiler. Olar: “Deňziň hem-de dag gerişleriniň dowamly çaknyşyp durmagy sebäpli bu taýda howanyň ionlaşmagy örän ýokary derejede – diýdiler. – Beýle howada halys umytyz saýylýan hassalary-da aýak üstüne galdyrsa boljak. Bu taýda, meselem, inçekesellileri bejerer ýaly kurort açsaň, onda bu kenaryň belli bahasy bolmaz.

Şondan soň ozal aýda-ýylda bolaýmasa, keseden adam gelmeýän çola ýer bolan bujagaz kürene paýtagtdan atly-abraýly komissiýalar dökülip başladylar. Alymlar öz ýanlary bilen dürli gurallary getirip, ýerli ýagdaýlary içgin öwrendiler, näçe diýseň jedel etdiler, her dürli planlary düzdüler.

Küreniň balykçylary bu ýagdaýy synlap, başda donlaryna sygmajak boldular. Görsene, asyl olar nesilme-nesil saglyk üçin şeýle ýaramly, örän täsin ýerde ýaşap ýören bolsalar nätjek!

Kän wagt geçmänkä-de bu taýyk gurluşyk materiallaryny daşap başladylar. Äpet maşynlara tirkäp, aşagy tigirli birnäçe agaç öýleri-de, tigirdedip getirdiler. Ol öýlerde gurluşykçylar ýaşamaly diýdiler. Küreniň çagalary şol bada ol öýleriň daşyny aldylar: tarkyldadyp, uruşdyryp, agaç öýjagazlaryň berkligini, özleriçe, barlap gördüler, täzeje reňkiň ysyny geňirgäp, ysgaşdyrybam gördüler. Has kiçiräk, üme-çüme düşmez körpeleriň arasynda-ha hatda dillerini degrip, tigirli öýleriň tagamyny dadyp görenleri-de tapyldy. Ekabyrrak oglanlar ilkinji günlerde tigirli öýleriň depesine dyrmaşyp çykyp, uzak wagtlap deňze garap oturardylar, tä garaňky gatlyşýança nämedir bir zatlar barada tükeniksiz jedel hem öz ýaşlaryna görä, arzuw ederdiler. Olaryň düşünişiçe, bu kenar, uzaklaşman, arzyly mekana öwrülmelidi, durmuş ösmelidi. Eger açlyk hem garaňky olary göçme öýleriň depesinden kowup düşürmese, olar bu hakda gije-gündiz göwün ýüwürtmäne-de taýyndylar.

Emma oglan-uşagyňam, ululary̆ňam begenji uzaga çekmedi. Başlanan öwrülişikleriň soňy olar üçin ýakymsyz ugra ýazdy. Ýogsa, ilkibaşda olar "bu taýda kaşaň kurort guruljak bolsa, bize-de deňli-derejeli kerpiç jaýlary gurup bererler" diýip, öz ýanlaryndan göwün ýüwürdipdiler. Ýöne basym «Bu taýda kurort guruljak bolsa, obany nätmeli bolarka?» diýen keçjal sorag keserdi. Wakanyň gussaly tarapy diňe şonda özüni bildirdi. Sebäbi bu mesele, balykçylaryň garaşyşy ýaly däl-de, düýbünden başgaça çözüldi: bu obanyň gelejegi ýok, balykçylara indi balyk tutmak gadagan, olar öňi-soňy uzaklara gatnap işleýärler, goý, täze iş ýerlerine şäherden

gatnabersinler diýip, çürt-kesik etdiler oturyberdiler. Şonda balykçylaryň şatlygy bir demde uçup, onuň ýerini gussa hem aljyraňňylyk eýeledi: nätmeli? nirä ylgamaly? kime ýüz tutmaly? kime dadyňy ýetirmeli?

Soňra kurortyň gurluşygy birdenkä öz-özünden togtady, balykçylary birki ýyllap öz erklerine goýdular. Ozaldan göz öňünde tutulmansoň, gurluşyga serişde tapylmandyr. Emma birnäçe aý mundan ozal hemme zat ýene-de täzeden başlandy. Görnüşine görä, bu gezek hemmesi öňküden has çynlakaýdy: ilaty o taýdan tiz göçürmeli, gurluşyga aýakbagy bolmasynlar diýen buýruk geldi...

Balykçylar bu gün ýarym asyr mundan ozal Orsýetiň uzak demirgazykdaky paýtagtyna çenli müňlerçe menzil ýüzüp, uly şöhrat gazanan, soňra-da, döwür üýtgäp, hamana möwrütini ötüren oýunjak kimin, kenara oklanan köne warak taýmylyň çüýreşen böwrüne ýaplanyşyp, kän oturdylar. Ilki hiç kimden ses-seda çykmady, sebäbi bu kenarda adamlar eýýäm, göräýmäge, hemme zat hakynda gürleşip ýetişipdiler. Balykçylaryň indi biri-birine aýtmaga täze sözi-de, teklibi-de galmandy, şonuň üçinem aralarynda artykmaç gep-gürrüňem ýokdy, her kes öz ownuk-uşak işi bilen gümrady. Bu gezegem wagty bilen olaryň arasyndan gürrüň açmaga döwtalap kişi tapylmady. Ahyrsoňy goja balykçy Nur Tagan gepbaşy hökmünde şol öňki öwrenişikli pikiri orta atdy:

– Hawa-da, adamlar, meniň çakym çak bolsa, indi biz hiç zady üýtgedip bilmeris. Bize başartjak iş bar, başartmajak iş bar. Bu taýdan göçmeli bolarys. Ata-baba ýurdumyz elden gitjek, ýöne alajyň nä? Menem ertirde-birigünde gidip, şäherden özüme berilýän jaýy görüp gaýdaýsam diýýän. Meniň bilen gitjegiň bar bolsa, ertir irden hat gatnadýan maşyna çykyň. – Ol az wagt oýlanansoň, öňki aýdanlarynyň üstüni ýetirdi: – Beýdişip ýörmäliň-le, düýp-teýkaryna

garasaň, biziň köpümiziň çagalarymyz öňräkden bäri şäherde ýaşap ýörler.

Şondan soň keýpsiz gürrüň usullyk bilen gyzyşyp ugrady. Görnüşine görä, bu pikir adamlaryň köpüsine ynjalyk bermeýän bolarly. Nur Taganyň sakgaldaşy Mämmet Badaly onuň bilen ugurdaş gopdy, çünki onuň hem iki oglunyň ikiside şäherdedi. Okadylar-dokadylar, şäherliniň hünärini edindiler-de, şo taýda labyr taşladylar. Ulusy şol ýerde öýli-işikli boldy, kiçisiniňem kürene dolansam diýen hyýaly ýok.

– Ähem-ühem... kehe.... – edip, ardynjyrap, ol gürruňe başlamazdan öňürti bokurdagyny arçady. – Seniň aýdýanyň jaý gürrüň, sakgaldaş. Bize-de indi öz çagalarymyzyň golaýyna aşmaga çen boldy. Meniň özümem bu hakda öten gije çirim etmän, oýlanyp çykdym. Öňki agşamam pikir etdim. Nädip pikir etmejek? Hany, aýdyň, haýsy biriňiz bu hakda kelle döweňzok? Meniň birje zat küýüme gelýär, bizsiz, men-ä şäherde, däninim, agtyk-çowluklarymyz halys ýitibem gidermikäler diýýän. Dogrusy, biz-ä eýýäm çagalarymyzyň gepine-de düşünip baramzok, onsoň agtyk-çowluklaň nähili boljagyny özüňiz oýlanyberiň! Ýiter olar, ýitmese alajy bolmaz. Meniň beý diýmämiň sebäbi bar, adamlar. Gözümiň görýän zadyndan netije çykarjak bolýan. Hernäçe hekgerselerem, ýanlarynda biz bolmasak, şolaryň ýagdaýy öwerlik dälmikän diýjek bolýan. Ýüzleri bir jüre salyk görünýär şolaň. Ogullam gelen mahaly kempir ikimiz şolaryň boluşlaryny görüp, haýranlar galýas. Olaryň içlerini hümledip oturyşlarynyň sebäbine düşünmänjik geçýäs, zaluwatlar eger-eger gepläýseler nädersiň. Şu gidişlerine gitseler, olar men-ä, walla, geplşmänem ýatdan çykararlarmykan diýýän! Şäherden däl-de, şolar-a edil ýöne adam-garasyz çöllükden gelene ýaly. Oturandyrlar töweregine gözlerini höwlendirip, jyňklaryny çykarman. Eger walla, öz

öýüňde özüňe girere deşik tapaňok, şolaryň bolşuny görüp. Uly oglumdan: «Siziň, oglum, ertirden agşama dymyp oturmaňyz näme, agzyňyza suw alan ýaly?» diýip sorasam, ol maňa: «Däde, biz öz içki dünýämiz bilen gümra» diýýär. Men nä olaň «içki dünýäsine» düşünip durunmy, şonuň üçinem, ýene: «Aý, oglum, belki, size öz içiňizde ýaşamak hezildir, başga gürrüňdeşem gerek däldir, ýöne biz gürrüňdeş küseýäs. Siz dymsaňyz, biz, garrylar, kim bilen gürleşmeli? Kim bilen pikir alyşmaly? Siz biz bilen gepleşmeseňiz, erte öz çagalaryňyz, otüki biziň agtyklarymyz, siz bilen gepleşmese – munuň soňy nähili bolarka?" diýip soraýan. Olam: «Hemmesi olaryň tellektine» bagly bolar» diýýär.

Hojadurdy uzyn bu gepe düşünmän, biynjalyk gobsundy:

– Nämesine diýdiň, sakgaldaş?

– Tellektine – diýip, Mämmet Badaly oňa ýörite gaýtalap berdi. – Şeý diýdi-dä, men näbileýin onuň näme diýjek bolýanyny.

Kellesi sypal şlýapaly ýaş balykçy, saklanyp bilmän, pyňkyryp goýberdi. Soňam gojanyň sözüni düzetdi:

– «Intellektine» diýen bolaýmasyn, Mämmet aga?

Goja balykçy ugrybir ylalaşdy:

– Aý, hawa-da, şolar ýaly bir zad-a diýdi, belki şeý diýendir. Heý, bulaň tapyp ýören sözlerine sered-ä! Gaýtalajak bolsaň, diliň döwüljek! Eger walla, gepläýselerem, biz ýal-a düşünmek kyn. Agyzlaryndan çykýan sözleri gör-ä bularyň! Eýse, akyllylygyň alamatymy şol? Aşa köp akyldandyr-a öýdemok men-ä şony, gaýta akylyň ýabygorlulygyndan bolaýmasadyr. Äý, gepiň keltesi, şu zatlaň hemmesem biziň ýanlarynda däldigimizden bolýan zatmyka diýýän, başga nämeden bolsun? Bizsiz, olaryň şäherde bal güne batmandygy görnüp dur. Biz, garrylar, şäherde gaty gerek ekenik. Onda-da nähili gerek! Ata-babalardan dowam edip gelýän inçejik

ýodamyzyň gömülmezligi, çagalarymyzyň öz ene dilini ýitirmezligi üçin biz şo taýda gerek. Ýogsa, olar nädip hem ylymly-bilimli, hem däninim, adamkärçilikli bolup ýetişsinler? Görýän welin, biz olary öz höwürtgesinden juda ir uçuryp goýberipdiris. Ýogsa, munuň ýaly kynçylyga uçramazdylar. Öten-geçenlerden öz öwrenen zatlarymyzyň olara üçden birini-de öwredip bilmändiris. Bu biziň günämiz. Telewizor, kitaplar olara ýaramaz zat öwredesi ýok-la, ýöne bizden almaly göreldesini özgäniň olara berip bilmejegi-de hak. Bu kyn işi iru-giç ýene-de özümiz etmeli bolarys, başga hiç kes ony başarmaz.

– Gaty jaý gürrüň, aýdyşyňdanam beter! – diýip, Hojadurdy uzyn dyzyna galyberdi. –
Men olaryň telewizor diýýän zatlaryny gördüm! Aý, ol bir ýöne gudrat-la! Gaty üýtgeşik zat-haw! Näme göresiň gelse, görkezip dur: tomsuň güni gar görjekmi – baş üstüne! Gyşyň güni jokrama yssyny görjekmi – olam bar. Çakyňdan gyzykly. Goltugyňa alyp gidibermelije gutudyr welin, emma içinde agyr mähelle ýerleşýär: böküşip ýöreni haýsy, tans edýäni haýsy, kellesinde ýöräp ýörenlerem bar. Biri aýdym aýdýar, biri saz çalýar, biri ot ýuwudýar, ýene biri gyzyl-gyran gülüşdirip otyr – hoşuňa gelsin! Gyzykly diý-de goýaý ýöne, asyl gözüňi aýrasyň gelenok. Garşysynda çökseň, tä şol towlawajyny towlaýançalar, oturansyň onsoň irikgä bolup, işiňden-derdiňden bizar. Emma welin, näme diýseňizem, men-ä şol telewizorda bu töwerekleriň suratyny görmedim. Dogrusy, men-ä biziň şu dünýäde barlygymyz-ýoklugymyz des-deň eken diýip gaýtdym şäherden. Olam hiç diýseň, telewizory görýänler oňa gulak asýanlaram, ondan gürleýänleriňem köpüsi ýaşlaň özleri. Şunça gözümi diksemem, men-ä şo taýda däninim, sakgaly torba ýaly goja kişileriň ýaş-ýeleňlere öwüt berip oturanlaryny ýa bolmasa,

atasynyň eline kündükden suw akydyp duran edeplije çagany gören däldirin. Bu onsoň näme boldugy? Şol onsoň men-ä ”Düýnki serçe bu günki serçä jik-jik öwreder” diýleni bolýarmyka diýýän. Ana-da, seniň terbiýäň-dä onsoň, şeýder-şeýder-de, gidibiýr aňryk! Yzyndan ýetibilseň, ýet-dä göreýin soň! Biziň bolsa olara nepagamyz degenok, bu taýda çola kenary saklaşyp ýatyrys, hil bir iş edýän ýaly.

– Meniňem aýdýanym şol-da – diýip, Mämmet Badaly zeýrendi – tizrak şähere göçenimizden gowusy ýokdur, agtyk-çowluklaň ýanragynda bolalyň, belki, peýdamyz deger. Agtyklarymyz bizsiz ösmesinler. Ýogsa, olar soň özleriniň kimdiginem bilmezler, ata-babalary hakda-ha gürrüňem ýok. Şonuň ýaly bolup ösen çagalardan soň näme tama etjek? Olaryň biziň kellämize gelmejek ýalňyşlary etmegi ahmal. Sebäbi ulusy-kiçisi ertir-agşam telewizoryň öňünde. Olar telewizordan tälim alýarlar, şonuň üçinem olaryň terbiýesi biziňkiden tapawutlanyp gidip otyr. Aýdaly, şol gutuda ýeriň aňry ujunda bir öýüň ýananyny görkezseler – içlerini çekişip, içegelerini üzjekler, oňa gynanýarlar, emma goňşusy telim aýdan bäri hassa ýatandyr welin, ondan habarlary ýok, onuň bilen işleri-de ýok, ýogsa duldegşir ýaşaýandyrlar welin...

Birnäçe ýyl bäri şähere gatnap, institutda gaýybana okap ýören ýaş balykçy Gutly sypal şlýapasyny düzedişdirip, gürrüňe goşuldy:

– Demir-beton diwar radio tolkunlaryny-ha ibaly geçirenok. Diýmek, duýgy tolkunlaryna-da böwet bolýandyr-da.

– Wah, size oýun gerek-dä! – diýip, Hojadurdy uzyn burnuna salyp, hüňürdedi. – Emma adamyny adam edýän zadyň duýgudaşlykdygyny unudýaňyz. Şonsuz, biziň haýwandan näme tapawudymyz bolsun? Eşik geýýänimizmi? Ony ata-da, ite-de geýdirip bolýar-a!

Mämmet Badaly arasy üzülen sözüni dowam edip, gysgajyk jemledi:

– Ana, onsoň bu şol “içki dünýämiz” diýilýän zat bolýar-da.

Hojadurdy uzyn ýene sorag berdi:

– Sakgaldaş diýýän-ä, «o dünýä» diýip eşidýäs, bu dünýäsini görüp ýörüs. Ýöne, walla, olaň «içki dünýämiz» diýýäni nähili zatka? Niredekä özi ol? Gaty daryşganlyk ýer-ä däldir-dä?..

Mämmet Badalydan öňürdip, bu soraga Gutly jogap berdi. Tegelek ýüzüne gelşip duran myssa ýylgyrmasyny edende, onuň, adatdakysy ýaly, hökman bir zat suňşurjakdygy bellidi, çak edilişi ýaly-da boldy.

– Hojadurdy aga, olaň «içki dünýämiz» diýýänleri ”o dünýe” bilen şu dünýäniň ediljek orruk ortasynda ýerleşýär!

Balykçylar hezil edip gülüşdiler. Soňra adamlar ýomak atyşmaga aýlanyşdylar. Ýek-ýarym agzy gowşagyň üstünden düşüp, çetine degdiler. Birsellem özlerini ünjä goýýan göçe-göçli meseläni unudyp, dilleriniň keýpini gördüler. Ýöne birsalym ýatlamanyň bilen başyňda duran alada öz-özünden sowulaýýarmy? Ondan nirä gaçyp gitjek, ol öz çözgüdine garaşýar, isleseň-islemeseňem, ol hakynda pikirlenmeli bolýar. Elbetde, onsoň gürrüň ýene aýlanyp-dolanyp, ahyrsoňy öňküje hanasyna dolanyp bardy: balykçylar, üzlem-saplamragam bolsa, haçan göçmäge hyýallanýandyklaryny ilkinji gezek özara geňeşip, daşlaryna çykaryp ugradylar.

– «Gämiçiniň jany bir» diýlipdir, adamlar, göçüljek bolsa, eran-da-tozan bolşup ýörmäýliň, belli bir güni saýlaýlyň-da, şol gün deňje göterileliň – diýip, Hojadurdy uzyn öz pikirini aýtdy.

– Käbe ene-de ahyr razylyk beren ýaly – diýip, Rejep çişik ullakan gözlerini daşyna aýlap, şu gün günortan aýalyndan

eşiden täzeligini oturanlara habar berdi. – Oňa berilýän jaýyda görüp, «bolýar» edip gaýdylsa, erbed-ä bolmazdy.

– Onuňam, heý, gürrüňi bolarmy? – diýip, oturanlar ýerli-ýerden makulladylar. – Käbe enäniň bularda goýlup gidilmejegi çyn, ol biziň öz garybymyz, Aýa uçsagam, ýanymyzdan goýmarys.

Bally çolagyň sesi ýuwaşdan gussaly çykdy:

– Görgüsi ýaman, teý Amantagan dädeden umydyny üzüp bilenok-da... – ol endigine görä, çolak eli bilen ýüzüni syldy. Bally çolak sag eliniň iki barmagyny Ikinji jahan urşunyň soňunda, Europanyň ortasynda goýup gelipdir. Adamlar ony näçe sylasalaram, ýüzüne ”Bally däde” diýselerem, ýeňsesinden ”Bally çolak” diýýärler. Ol öz lakamyny bilse-de, kürendeşlerinden göwün-kine edip duranok, ”Onuň ýaly ganly jeňden barmagyňy berip sypsaň, kaýyl geläýmeli, özüm-ä şoňa kaýyl” diýýär. Bu adam ähli gaharyny uruş meýdanynda goýup gaýdan ýaly, durmuşda asyl hiç zada gaharlanmalydyr öýdenok, kimdir birine gahary geläýende-de, ”häki etme!” diýýär-de, öz ýoluna gidýär, hiç kim bilen agyz deňäp, ekjeşip duranok. Garyndaşy bolmasa-da, ol bu kürende Käbe enä gündelik garaşyk edýänleň biri, şonuň üçinem onuň ýagdaýyna belet. – Häk, görgüli, şol garaşyp ýör-dä ärine. Geler öýdýär, jesedini görmesem, ynanjak däl diýýär. Deňizde tupan tursa, ýatman, gijesi bilen kenarda aýlanyp ýör: tupanda ýiten tupanda-da gaýdyp geler diýýär... Ýöne *derýa oň jesedini bermedi-dä,* özi bermese, diläp alyp bolýarmy nä.

Rejep deňze tiňkesini dikip, çak urdy:

– Hany göreýin welin, Amantagan dädäniň ýiten gaýyndan bäri azyndan ýigrimi ýyla-ha geçendir, känrägem bolaýmasa.

– Bardyr-bardyr… – diýip, Bally çolak onuňkyny howlukmaç tassyklady. – Ýöne Käbe ýeňňemiz ýyl geçdigiçe-

de, gaýta äriniň gaýdyp geljegine beter ynanýan ýaly. Kenardan aýrylmasa, onuň göwni teselli tapýar. Ol asyl öýe syganok, şäherde güni nähili geçerkä diýdirýär. Şularda jebrini çekip dynaýarmyka öýdüpdik-dä welin... Ýat ýerde eňräp ötmeli boljak-da garrymyz. Ýöne, nätjekdä, her kes maňlaýdakyny görmeli, gidere ýeriň nire, pelek başyňa salsa.

Rejep uruş weteranynyň ýüzüne geňirgenip garady-da, şeýle diýdi:

– Pelegiňkä düşnükli welin, pelekden bärde-de adamyň ýagysy gyt däl, Bally däde. Hökümet janam pelekden pes düşenok, näme ygtyýaryň bolsa, eliňden almaga taýyn.

Amanweli kinaýaly suňşurdy:

– Aý, näme, hökümetem şu zamanyň pelegidir-dä, edenine däl diýip bolmasa.

Gutly şlýapasyny eline alyp, ony mynjyradaýjak boldy, sesi-de adatdakysyndan çasly çykdy:

– Aý-how, şu gadymykylar-a pelekdenem gorkup durmandyrlar, şoňa-da garşy çykypdyrlar, gaty degnalaryna degende.

– Her döwür – bir döwür… – diýip, bu küreniň iň garrysy, goja Nur Tagan ajy ýylgyrdy. – Bolmanda-da, ygtyýaryňy sak goramasaň, ony ýa pelek alar, ýa ýeneki…

– Nur Tagan däde, pelegiň nämejik, onuň bilen urşmak aňsat, ol gözüňe görnenok, al-da töweregiňe gylyjyňy aýlaber! Hökümet pelek ýaly däl, ol gözüňe görnüp dur, çykyp gör, hany, diýeninden, gözüň näme göräýýärkä!

Gutly okaýan kitaplarynyň dilinde gürledi:

– Adam öz hakyny gorasa, hemme kişä-de peýdaly: özüne-de, hökümete-de, belki, pelege-de biçeme däldir.

Bally çolak oglanlaryň gürrüňini gökden ýere düşürdi:

– Adam ýöne ejizlemesin diýsene, ejizlese, kelebiniň ujunam ýitirýän eken, Käbe ýeňňemiziň Aýpiden haraý isläp,

şony kömege çagyryp oturanynam gördüm… ”Ýitigim deňziň düýbünde bolsa, ondan maňa habar getir” diýýär bende.

Hojadurdy uzyn bu gepe gaty geň galdy, onuň sesi ünjüli çykdy:

– Aýpiden balykça näme delalat? Il-ä, deňze çyksa, onuň adyny tutmajak bolup gara heläk, zyýanlykly ruh diýip… Kim ondan ýagşy habar hantama. Biz-ä entek şu ýaşymyza oňa ýykylany görmändigem, eşitmändigem. Ol bir betbagt öten bende, betbagtyň betbagta näme delalaty ýetsin?

Mämmet Badalynyň selçeň gaşlary çytyldy, ol Hojadurdy uzyna igenerli göründi.

– Aý, häli görseň, şol bendäňem iliňkiden artyk ýazygy ýokdur-la, ýöne bu adamlar biriniň üstünden düşmesin, düşseler, hezil bermzler, eýgilik tamasyny etme. Sowgat berilse, ondan ýüz öwürjek barmy? Haýsy biriň ondan ýüz öwrersiň?

Bally çolak:

– Bu adamlaň janyny alan häki – diýýäňmi – diýip, endigine görä, sag barmaklaryny ýüzüne ýetirdi.

– Näme ”häki” diýip, Hojadurdy uzyn onuň gepiniň düýbüne nokat basmak isledi.

Bally çolak oňa darykman jogap berdi:

– Sowgat diýýän, sowgatdan boýun gaçyrmak kyndyr, kimem bolsaň.

– Boýun gaçyrmaly zatdan boýun gaçyrmasaň, soňunyň biabraýçylygam bar-da, ony nätjek onsoň? Gepiň gysgasy, gowam bolsa, erbedem bolsa, günälem bolsa, günäsizem bolsa, uly iliň ätiýaç edýän ruhundan ätiýaç etmek aýyp däl – diýip, Hojadurdy uzyn öz pikirini jemledi. – Aýpiden alamat görüp, entek işi şowuna düşen bar diýip eşidemok, muňa hemmäňizem belet. Ol betbagtlygyň nyşany.

Mämmet Badaly kän kejeleşip oturmaga meýilli däldigini bildirip, bu çekeleşigi pelsepe bilen jemlemekçi boldy:

– Bu, däninim, başga zatdanam bolup biler: adamlara duşman gerek. Duşman tapylmasa, onda millet iki gözüniň birini duşman tutunmaga-da taýyn. Bu şu günem şeýle, öňem, Aýpiň ýaşan döwründe-de, şeýle bolandyr-da, başga nähili bolsun?

Gutly:

– Dogry aýdýaňyz, Mämmet aga! – diýip, ony göwünjeň goldady. – Adamlarda bir täsin gylyk bar, olar öz gorkularyny kimdir birine ýöňkeýäler-de, şondanam özlerine duşman ýasanýarlar. Aýpi – biziň gorkymyz, öz-özümizden gorkymyz! Ol ruhy döredenem adamlaryň özüdir, häli görseň, aňyrsynda diri adamam ýokdur, toslama rowaýatmyka diýýän.

Hojadurdy uzynyň bu sözden göwni suw içmedi, muny onuň burnuna salyp gürläninden bilibermelidi.

– Ýaş bolýaň-daýt, ogul! “Ot ýanmasa, tüsse çykmaz” diýilmänmi nä? Nesilden nesle geçip gelen bolsa, näme üçrüp ol aslynda bolmaly dälmiş, özem bolandyr, monjugam, keseki leşgerem. Duşman diýilýän zadyň nä şahy bardyr öýdýäňizmi, ol nä ”bö!” diýip gelýämi aňyrdan gelende? Üstüňe sürnüp gelse, duşman bor-da. Ony biz geçen urşda öz gözümiz bilen görüp gaýtmadykmy nä?! Şonda biziň üstümize sürnüp gelen duşman däl-de, kimdi eýse? Bary zady ýöne gülala-güllük edýäňiz goýaýýaňyz.

– Ýeri, bolýar, sakgaldaş, geçeni – geçdi bileli, indi o zatlary ýatlap, ýaş oglanlaň howuny basyp oturma – diýip, Mämmet Badaly gürrüňi başga ýana sowmaga synanyşdy.

Hojadurdy uzyn:

– Men bulaň howuny basjak bolamok, ýöne sapak almaly zatlarynyň bardygyny aýtjak bolýan.

– Aljak sapagyny bular alyp oturandyr, tymsala düşünmek üçin artykmaç akyl däl, düşbi gulak gerek. – Ol, gögüni garap, az salym böwrüne diň saldy. Howanyň öwzaýynyň bozulyp, deňziň üstünde ygym-sagym bulut görünmegi oňa öz aralarynda töwekgel balykçynyň kemterligini ýatlatdy. – Hany, aýdyp oturyň, Annameretden nä habar? Ol haçana çenli bizden öýkeläp gezjekkä?

– Onuň näme edip-näme goýup ýöreninden biz-ä habarsyz, belki ýaş oglanlar bilýändir. – diýip, Nur Tagan töwregine göz aýlady.

Emma oturanlaryň hiç biri bu soraga anyk jogap berip bilmedi. Hojadurdy uzyn:

– Özi görünmese, görüp bolýamy bu adamlary – diýip, nägile hüňürdedi.

Onda goja balykçy Nur Tagan:

– Bizden gaçalak edýäni-hä çyn, ýöne bir günde göçüljekdigini oňa-da ýetirmek gerek. Ol bizden öýkelese-de, biz ondan öýkelämzok. Göçjek bolýanymyzy aýtmak – biziň adamçylyk borjumyz, öz pikirimizi aýtsak, onuňam pikirini bilerdik – diýdi.

Rejep Annameredi günäkärlejek bolýan ýaly äheňde:

– Onuň asyl biz bilen gürleşesi gelmese nädersiň?! – diýip janykdy. – Nähili bolanda-da, şu adamlardan arasyny üzmeli däl-dä, biziň oňa ýamanlygymyz ýog-a.

Ýöne Gutly welin, Nur Tagany goldady:

– Ol birki günlükde meniň ýanyma gelip gitdi.

– Hawa... näme diýdi onsoň? – adamlar ýerli-ýerden gyzyklandylar. – Ol nädýär, göçmekçimi? Göwnüni bölüpmi ýa ýok?

Gutly başyny ýaýkady.

– Ýok. Ol kes-kelläm «göçmerin» diýýär. Maňa-da «göçme senem» diýip ýalbardy. «Hämmämizem galalyň – diýýär. –

Täze baran ýeriňizden bir zat gurjak diýseler, siz nä erte ondanam aňryk göçjekmi? Beýtseňiz, bir günden bir gün Sibirden çykarsyňyz" diýýär. Ol maňa: "Bu obada göçmeli däldigine bir adam düşünjek bolsa, sen düşünmeli, özüňem paýtagtda okap ýörsüň" diýip, kän ýalbardy.

– Oňam aýdýanynyň jany bar, ýöne bizde-de günä ýok, bu taýdan öz erkine göçjek bolýan barmy?! – diýip, Rejep zeýrenini duýman galdy. – Beýle zerur bolsa, ol kurorty şulardan bäş-üç kilometr beýleräkdenem gurup bolar-a? Nä, şony hökman şulardan guraýmalymydy? Ýogsa-da, bize beýleräkden täze küren tutunar ýaly ýer bersinler-dä! Häzirki edişleri gaty häki bolýar! Bizden soraman-etmän, ata-baba kürenimizi elimizden aljaklar.

Sypal şlýapaly ýaş balykçy kinaýaly güldi.

– "Aljaklar" diýip, gümansyratmasana, arka, aldylar diýsene! Mundan beter näme, daşymzy çyzyklab-a goýdular.

– Sen nireler-de gezýäň? – diýip, Hojadurdy uzyn Rejebiň al-petinden aldy. – Anha, sakgaldaş ikimiz soradyg-a o hakda araky gelen komissiýadan. Olar kes-kelläm bolanok diýýäler, hamana, şol kurort hökman şu taýdan gurulmalymyş. «Bolanok, hökman göçäýmeli, borsuňyz, öňi-soňy size indi balyk tutmak gadagan, nirede ýaşaňyzda näme?!" diýýär gaýta olar.

– Aý, garaz, balyk bilen adam ekenik-dä, bilmän ýörüpdiris – diýip, Nur Tagan tutuk seslendi. – Gabaryşan bolubam ýörüs, hondanbärsi bolşup, şu gezeg-ä gözümize basaýdylar öýdýän kimdigimizi: ilki-ä elimizden ata-baba hünärimizi aldylar, indem ata-baba ýurt ýerimizi alýalar, jaýymyzy ýykjaklar. Etjek alajyňam ýok ýa barmy? Inçekeselliler bilen gatyşyp-garyşyp ýaşamajagymyzam-a belli, ony etdirmezler. Ýa meniňki nädogrymy? Biz bir sagat adam, şähere öwrenişer

gideris-dä. ”Gerek – deregi ýykar” diýleni çyn bolup çykdy, ýöne derek bolup ýykylýasmy ýa biderek, ony Hudaý bilýä…

Deňziň hüwdä meňzeş güwwüldisine diň salyp, adamlar birmeýdan dymşyp oturdylar. Adamlaryň iki jahan owarrasydygy kesesindenem görünýärdi, olar deňziň kenaryny taşlamaly, öz hünärlerinden, ata-baba ýurtlaryndan hemişelik aýrylmaly. Eýse, indi olaryň güni nähili geçer? Şähere göçmeli pursatlary ýakynlaşdygyça, öňde garaşyp duran ýitgi janlaryna şonça-da çuň batýardy, özleriniň deňiz ýakasynyň ogullarydygyna olar has beter gowy düşünýärdiler, şonça-da olaryň deňze mähirleri artýardy. Özlerini ata-baba aç-hor etmän ekläp gelen, gujurly edip ösdüren, çagalykdan bäri, belki-de ondanam irräkden – entek ene garnyndakalar endigan güwwüldisi bilen hüwdülän, öz aýdymy bilen gulaklaryny gandyran, endigan güwwüldi bilen ukladyp, soňam ýene-de şol mylaýym güwwüldi bilen oýaran deňze söz bilen beýan ederden has çuň söýgi, baglanyşyk duýýardylar. Hoşlaşyk pursaty golaýladygyça-da, bu duýgy güýçlenip gidip otyrdy. Olar muny biri-biriniň öňünde, hatda öz öňlerinde boýun almakdan-da çekinseler-de, hut şeýle pursatlarda Annamerediň diýýäniniň öz ýüreklerinde-de bardygyny, bu meselede özleriniň ol kakabaş balykçy bilen raýdaşdyklaryny, sessiz-üýnsüz pikirdeşdiklerini bilýärdiler. Käşgi, olaram edil Annameret ýaly edilen teklibe boýun bolman, şähere göçmekden kes-kelläm boýun gaçyryp bilsediler, onda, belki, hemme zat başgaça bolsa-da bolardy. Ýöne olar, dogrudanam, tüýs iki jahan owarrasy!

Suwuň gyrasynda ornaşan Gutly taýmyla ýaplanyp oturanlara garşy öwrüldi:

– Bizden öňküleň hemmesi balyk awlap gelipdirler. Şulardaky balyklaryň gylygyny, näwagt haýsy balygy awlap bolýandygyny bizden gowy bilýän ýok. Emma biziň

bilimimiz, tejribämiz birdenkä bigerek boldy duruberdi, men şoňa haýran.
– Bigerekdir-dä, elbetde... – diýip, oňa duşdaşy Amanweli jogap gaýtardy. – Bize derek bir enjam oýlap taparlar – wessalam! Ana, şol seniň ýaňky diýýän zatlaryňy bizdenem has gowy biler. Robotlar adamlardan işeňňir hem adamçylykly. Olaryň adamlaryňky ýaly açgözlük etjek gümanam ýok: tut diýleni tutar, ýükle diýlenini ýüklär. Emma adamda gara nebis bar, adam öz hakyna jür däl, şonuň üçinem ol durmaly ýerinde duranok.
Gutly ony ýaňsylady:
– Roboty ýasan gara nebisli bolsa nätjek? Şonda robot-da nebisjeň bolup çykar-da! Nä şony edip bilmez diýjek bolýarmyň?
Amanweli berdaşly elleri bilen ýerden bir gysym çägäni aldy-da, ony ol aýasyndan beýlekisine gezekleşdirip akdyrdy, göräýmäge, ilki biraz haýallajak ýaly etse-de, sag dulugynda oglanlykdan galan ýara yzyny dyrmalap, endigine görä, dyzyna şapbat urdy, ýeň bermedi:
– Bilýäňmi näme, her zat diýseňem, robotlar tebigata adamlar ýaly zyýan ýetirip bilmezler. Sebäbi olar ýaşamak üçin däl-de, diňe belli bir işi etmek üçin döredilýär.
Gutly şlýapasynyň eteginden tutup, hezil edinip güldi.
– Bärden gaýdýaň, arka! Robotlaryň biri-birini ýasajak döwri geler diýen çaklama-da bar. Şonda sen olaryň özünden nähili nesil galdyrjagyny näbiljek?
Gürrüňiň ýene-de özleriniň näbelet ugra gönükmeginden çekinen gojalar biri-birine gabak astyndan garadylar.
– Eger siziň şo diýýän tilsimadyňyz deňziň balygyny bir günde tutup, kenarda balykdan harman ýasaýanam bolsa, adamça bolup bilmez! – goja Nur Tagan azajyk gatyrganyp, hyýalbentlige urup, ýerden aýaklaryny üzüp barýan

oglanlaryň badyny aldy. – Bir ýola men tordan çykaran balygymyň gözlerini gördüm-de, ony yzyna, deňze oklap goýberdim. Sebäbi men ol balygyň gözlerinde gussa gördüm. Hany, siziň şol tilsimadyňyz balygyň gözlerine seredip, onuň işbil taşlamakçy bolýandygyny aňsyn-da, göreýin! Ýok, siziň ol tilsimadyňyz ony diňe semiz balykdyr öýder. Muňa näme diýersiňiz? Wah, oglanlar, oglanlar! Siziň akylyňyza-huşuňyza sözüm ýok... O bolmanam, şeýle-de bolmaly, siz bizden has okuwly, onsoň, elbetde, köprägem bilmeli. Siziň okamak mümkinçiligiňizem başga hili, siziň ýaşyňyzda biz aý-günleri, dogrusy, bir döwüm çörege zar bolup geçirdik, çörek atly – biz pyýada bolduk, uruş yzyna uruş turdy, ýetde-gütdelik, garaz, aýdyp nätjek, onsuzam hemmesi düşnükli: indi döwür başga, dowran başga! Ýöne welin, men bir zada düşünemok... Siziň şu bilimliligiňizden gelýän peýdany göremok. Siziňem bolşuňyz bizden parhly däl, eliňizden artykmaç iş gelenok. Bizden beter diýseňem boljak. Aşa boýnyboş-la siz: biri ýeňsäňizden südürlese, gaty görmäň welin, men-ä siz kimiň nämüçin itenini soraman, hatda yzyňyza-da gaňrylman, baryp bir çukura gapgarylýançaňyz gider oturarmykaňyz diýýän. Günüňize ýanaýyn siziň, akyldarlar! Siziň ähli okanyňyz, öwreneniňiz, hamana, biziň durmuşymyza dahylly däl ýaly-la? Hamana, okan okuwyňyzyň durmuş bilen galtaşygy ýok ýaly-la! – goja balykçy gepiniň arasyny ýolup, üfläp, agaç müşdügini temmäkiniň külünden arassalady, ony iküç öwre dyzyna kakdy. Onsoň ýene sözüni dowam etdi: – Haçana çenli bize degişli kanunlar şularda, ynha, şu oturan ýerimizde (ol aýagy bilen ýeri depip görkezdi) däl-de, eýse biziň gözümiziň ýetmeýän ýerlerinde düzülmeli? Haçana çenli olary şu topragyň däp-dessurlaryny bilýänler däl-de, başgalar düzmeli? Topraga hormaty bolmadyk adam diňe içýakgyç kanunlary

oýlap tapar. Göwnüme bolmasa, birentek kanunlar diňe adamlaryň içini ýakmak üçin tapylýan ýaly-la? Sizem şol uzakdaky okumyşlaryň ýaşynda, bilimiňizem şolaňkydan pes däl, emma eliňizden gelýän zat ýok, sizde erk ýok. Siziň alan bilimiňiz, sowadyňyz işlänok. Ondan ne ile, ne-de özüňize peýda bar: okaýaňyz – okan zadyňyz okan ýeriňizde-de galýar. Siz – peýdasyz perişdeler!

Biz garrylaryňky düşnükli, biziň indi köpümiz ötüp, azymyz galypdyr. Bu-da bir adalatlylyk: dünýä iýndiňmi, ýaşadyňmy, ýagşy-ýamany gördüňmi, çekmeli ejiriňi çekip, çagalaryňy sana goşduňmy – onsoň, bir görseň, eýýäm ýola şaýlanybermelisiň. Size welin, meniň diýjek sözüm: sowatly emelsizden, edenli bisowat ýagşydyr, şony bilip goýuň.

Goja Nur Tagan dymdy.

Ýaş balykçy arassa çägäniň üstünde arkan düşüp, dik depesine, göge garady. Asmanda-da edil ýerdäki ýaly uç-gyraksyz göm-gök deňiz çyrpynýardy. Gök çüýşe deňiz... Belentlikden haýallyk bilen ygyp barýan bulutlar oňa asman deňzindäki dynçlyk adalary bolup göründiler. Ol adalar bir ýerde durman, uzaklara, arzuwly kenara ýüzüp barýardylar. Gutlynyň asmandaky adalaryň birinde ýaşap, ýerdäki aladalardan gutulasy geldi.

Ýaş balykçy asman deňzini gözleri bilen o çetinden beýleki çetine barýança uzak wagtlap gulaçlady. Şonuň üçinem onuň başy çalaja aýlanyp, hamana, ýerden örki üzülene döndi. Ol ýassanyp ýatan çägeli kenarynyň ýuwaşjadan yraň atyp ugrandygyny, töweregiň tüssä öwrülip, ýuwaş-ýuwaşdan gözden gaýyp bolup barýandygyny syzdy...

## 3

Adamalryň hiç biri oňa artykmaç gep atanokdy, olam – adamlara. Bir kürende ýaşasalaram, olar edil dürli jelegaýyň ýaşaýjysyna meňzeýärdiler, aralarynda ýer çat açyp, olam giňelip, çuňalyp gidip oturan ýalydy, indi o tarapdan bu tarapa aňsat geçip boljaga meňzänokdy, töwekgellik edip, ilki ädim ätseň, ýüzüň alynmajagyna kepil ýokdy.

Annamerediň özi hem bu çukuryň giňelip hem çuňalyp barmasyndan az ätiýaç edenokdy, her ugra, bu adamlar onuň ata-baba kürendeşleri, ýöwsellikden, ýaýdanjaňlykdan başga olaryň näme günäsi bar? Belki, hemmesi onuň göwnünedir? Belki, Aýbäbegiňki dogrudyr, aslynda adamlaryň oňa ýamanlygy ýokdur, ýagşylygy bardyr. Belki, olar asla ýöwselem däldirler-de, diňe ätiýaçlydyrlar? Ätiýaçlylygyň kime näme zyýany bar? Belki, Annamerede-de ätiýaçlylyk zyýan etmez?

”Aý, ýok – diýip, soňam Annameret öz-özüne garşy çykdy. – Ätiýaçlyk bilen ýöwselligiň arasynda ýol uzak. Bulaňky ýöwsellik. Iň erbedi, indi ýöwseller köplük, onsoň olar öz ýöwselliklerini, gerek bolsa, batyrlyk diýibem görkezip bilerler. Köplük bolsaň, nädeňde bolman dur?

Annameret ýeke galdy, şonuň üçinem onuň dogry sözem ýalňyş bolup görünýär. Eger-de onuň diýeni bolsa, onda küren oba dilini birikdirip, bu taýdan şähere göçmekden boýun towlamaly. Gerek bolsa, olar bu işe mazalyja garşylyk görkezmeli. Dogduk obalaryndan göçürjek bolup, olaryň üstüne goşun sürmejekleri belli. Ýa süräýerlermikä? Sürseler, sürenlerini göräýmeli bor-da, uruşmak hökmanmy, ýumrugyňy düwüp, öňlerinde duranyň nämä degmeýär?! Şonda ýumrugyň barlygyny-ha görerler-dä. Göçmeli bolsa, ilki soňuna çenli gidişip, halys çykalga galmasa, şonda

göçülse-de bolar. Bular bolsa, iki sany sypal şlýapaly emeldary görseler, eýýäm goşlaryny düwüşdirip, hekgerişip, üstünde garga ýaly taýyn bolşup otyrlar, ”hüşt!” diýseň, al-asmana galkjaklar”.

Mämmet Badalynyň ikinji ogly-da şäherden gelinlik tapanmyş, onuň geljekki gudasynyň uly wezipesi barmyş, ol hatda ýylda dört-bäş gezek Moskwa-da baryp-gelýärmiş. Onuň bilen guda bolansoň, öň göçermen bolmasa-da, Mämmet Badalynyňam indi saly gowşady, gudasynyň abraýyny dökmejek bolýandyr, şeýlemikä? Üns berip görseň, durmuşda bu adamlaryň hersiniň öz ownujak bähbitjikleri bar, olar küreniň däl-de, şol şahsy bähbitleriniň yzynda. Ýok-ýok, gepletseň, muny hiç biri-de boýun almaz, aljak gümany barmy, ýöne düýbüni dörseň welin, lapyň keç bolar. Uly zat görjeksiň, emma görjegiň – kiçi zat bolup çykar. Eger bu adamlaryň küreniň geljeginden ýüz öwürmegi üçin düýpli bir bähbitleri bar bolsa, onda Annameredem olaryňka düşünjek, emma edil häzir görýäni – örän ýönekeý hem ownuk bähbitjikler. Ine, şoňa-da Annamerediň jany ýanýar. Käşgi olaryň şol şahsy bähbitleri ata-baba küreniňi, öz mährem kenaryňy taşlap gideniňe degýän bolsady?!

Annameret Mämmet Badalynyň kiçi oglunyň toýunda adamlar bilen egri oturyp, dogry gürleşmegi ýüregine düwdi. Onuň toýy bulamak niýeti ýokdy, ýöne kürendeşleri bilen gürleşip, içini sowadasy gelýärdi.

Balykçylaryň inçekeselliler üçin guruljak profilaktiki sanatoriý üçin öz kürenleriniň ýerini meýletin berýändikleri telewizordan, radiodan dabaraly aýdylansoň, bu hakda küreniň ýaşulularyny gürledensoňlar, indi göçürmegem uzaga çekmese gerek. Obanyň üstüne hiç hili goşun gelesi ýok, ony Annameret gaty gowy bilýär, bu taýda üstüne goşun sürer ýaly kim bar? Bu adamlaryň sussuny basmak üçin häzirki

edilýän işlerem daş ýany bilen ýeterlik: öň her hepdede gelýän iýmit awtolawkasy indi hepdaşa gelýär, guýy suwy ýetmänsoň, ”süýji suwdanam dadyp görüň” diýlip, ozal aýda bir gezek küreniň howzuna Bakuwdan parom bilen gelýän süýji suwdan guýup giderdiler, bu ýyl ony kesdiler, hepdede üç gezek şäher bilen arada gatnaýan awtobus gatnawyny bary-ýogy bir gezege getirip goýdular. Ine, saňa gerek bolsa – ”öz islegiňe görä” bolýan geň-enaýy täsinlikler!

Bu özgerişleriň her biri Annamerediň degnasyna degýär, kürendeşleriniň boýnyboşlugy bolsa, onuň hasam kejebesini daraldýar. Ýöne ähli gahar-gazabyny içine salmasa-da, başga dagy çäresi ýok, onoň obada içini hümledip gezip, diňe deňze çykanda, dünýäsi giňeýär.

Küren bolsa indi başga zatdan geçen, ata-baba ýurt ýerde boljak iň soňky durmuş toýuna taýynlanýar. Entek ol toýuň sähedem bellenenok, ýöne adamlaryň duşuşanlarynda naýbaşy gürrüňi şol, Mämmet Badalynyň oglunyň şäherli gelinligi, onuň dädesiniň wezipesi. Ol gyz owadanmyş, okuwlymyş, baýmyş, atasynyň gowy işi barmyş. Garaz, adamlar biri-birinden eşidenlerini agyzlaryny şapbyldadyp, gaýtalap, ugursyz zady pişe edinýärler, ata-baba ýerleri elinden alynjak bolup dur, ol welin, hamana, piňlerine-de däl.

Adamlaryň bu bolşuny keseden synlap, Annameret olara geň galýar: öýlenýän biri, onuň daşyndan dabara edýän – başga biri. Görsene, bu dünýäniň gurluşyny. Ýeri, ol gyz nähili bolanda, size azary ýetýärmi diýsene? Bar, aýdaly, onuň gözleri çaşy eken-dä, Mämmet Badalynyň ogly ony söýen bolsa, boldugydyr-da, size näme?! Elbetde, häzir onuň gözleri çaşy bolup çykmandyr, owadan eken diýeli, dädesem emeldar, ýöne munuň, heý, küreni saklamak üçin jinnek ýaly nepi degjekmi? ”Ýok” diýip, Annameret öz soragyna özi ilgezik jogap berdi. Soňam öz gepini özi düzetdi: ”Wah, parhy

bar-da, bu gudaçylygyň gaýta küreniň ykbalyna zyýany ýetjek, ana, Mämmet Badalynyň şähere göçjekleň arasyna sessiz-üýnsüz goşulyp gidibermegi şol geljekki garyndaşlygyň ”peýdasy” dälmi nä?

Mämmet Badalynyňky düşnükli, ýöne beýlekilere näme diýjek? Küreniň şu wagtky bolşy agyr derde uçranyň ölmezinden öň özüne zor salyp, soňky gezek ýylgyrjak bolşuna meňzänokmy? Aňyrlary eňşäp dursa-da, adamlar ýok ýerden şadyýanlyk satjak bolýarlar. Beýdip, olar Annameredihä ynandyryp bilmezler. Özlerini-de. Onda kimi ynandyrjak bolýarlar? Belki, öz ellerinden ata-baba ýurtlaryny gaňryp alýan wezipelileri ynandyryp, şat etjek bolýandyrlar, olar özlerini erbet duýmasynlar, günäli saýmasynlar diýýändirler? Nä olaň birden gynançdan ýurekleri ýarylaýar öýdýärmikäler? Wah, günüňize ýanaýyn!

Soňam ol bu pikiriniň biçeme däldigini oýlady, dogrudanam, Mämmet Badalynyň täze gudasy wezipeli bolsa, küreniň işini gaýtaryp ýören emeldarlaryňam bu toýa gelmegi ahmaldyr. Elbetde, olar toýda hökman görnerler. Emeldarlaryň arasynda ýaranjaňlyk, wezipeparazlyk adaty zat, şoň üçinem Mämmet adalynyň gudasynyň wezipesi özleriniňkiden uly bolsa, olar hökman sürlenişip, bu toýa gelerler.

Öňde duran bu höwessiz hem aşa emeli duşuşygy ýatlanda, Annamerediň aňyrsy bärsine geldi. Nädip ol birgiden ýasama ýüzleriň arasynda gezip, ýasama ýylgyryşlara bütin bir gün çydar? Onuň üçin bu ullakan jeza bolmazmy? Toýda gerekmejek hokga çykaraýmagyndan gorkup, Aýbäbek şu wagtdan oňa ýalbarýar, ile görä bolgunyň, adam bilen işiň bolmasyn diýýär, öňňe wagt oňlamasa-da, hatda şol gün onuň deňze gitmegine-de garşy däl. Balykçynyň öz biçäre aýalyna ýüregi awady. Elbetde, ol özüni saklajak bolup synanyşar,

emma başartmasa, nähak ýerden onuň göwnüne degseler, üstüne sürünseler, soňuny kim görüp gelipdir, onda, goý, her kim özünden görsün.

# 4

Salkyn bilen küreniň garagörnüm aralygyndaky giňişlige çykan adamlar düzde gazan ataryp, damak bişirip, haly-kilim ýazyp, şäherden gelmeli gelnalyjjyny bu düzlükde garşylamak üçin toýa ulaşdylar. Gün guşlukdan agýança, bu märekä, göräýmäge, myhman-da, gelnalyjy-da ýetmezçilik edýäne meňzemedi, adamlaryň dabarasam, şatlygam, begenjem daş ýany bilen ýeterlikdi. Her kim özüne tabşyrylan ýumşy kem-köstsüz bitirjek bolup, gara başyna gaýdy. Ýogsa nä, titije şäher myhamnlarynyň öňünde duraýmak ýeňil işmi? Biliňi berk guşap, ertirden agşama ugurlarynda durman ylgaňda, olary razy edip yzyna gaýtarsaňam, kaýyl gelersiň. Şeýdip, adamlar öz şatlyk-aladalaryna gümra bolup, güni ertir guşlukdan agdyrdylar. Şondan soň welin, olar şäherden gelmeli gelnalyjjyny küýsäp başladylar. Wagt geçdigiçe-de, olar şäheriň ýoluna barha ýygy hem ýiti garaýardylar.

Çünki gelnalyjy şäher ýolundan, hut şäherden gelmelidi. Mämmet Badaly bu gün ogluny öýerýärdi. Dogrusy, onuň ogly eýýäm öýlenipdi, toý düýn gije şäherde, restoranda geçipdi, ýöne dädesi ”Ýatjak otagyňyza gelniňi obanyň üstünden geçirmeseň, razy däl” diýip aýak diränsoň, ogly bilen gelni bialaç boýun bolupdylar. Bu razyçylygyň olara aňsat ýetdirmändigini Mämmet Badaly düýn restoranda ogly bilen gelniniň, soňam ol ikisiniň gyzyň ene-atasy bilen arasyndaky dowamly hem gyzgyn pyşyrdylardan bilipdi. Gelnalyjynyň oba gelmäge o diýen göwünjeň däldigini küreniň adamlaram bu gün aňdylar. Sebäbi olar gözlerini şäheriň ýoluna dikip, halys uzak oturmaly boldular: ilki gün guşluk boldy, soň guşlukdan agdy, indem, ynha, wagt günortana golaýlady… Şonuň üçinem adamlar, indi assyrynlyk bilen biri-biriniň ýüzüne garanjaklaşyp, gepsiz-

üýnsüz ümmüldeşip, öz çaklaryny birek-birege ýetirjek bolýarlar: gelermikäler ýa gelmezmikäler? Gelmän durubermeseler ýagşydyr-ow… Arzyly gelnalyjy geler ýerde gelmese, görnetin gijä galsa, başga nämäni güman etjek.

Gün gyzdygyça, mähelle Mämmet Badala has ýygy-ýygydan duýgudaşlyk bilen garaýardy, toý eýesiniň ýüzüne göz aýlasaň, gelnalyjynyň gijä galmagynyň ony nähili ynjalykdan gaçyrýanlygyny görmezlik mümkin däldi. Gün depä galdygyça onuň ir ertirki şadyýanlygy azalyp, deregine ýüzüni gitdigiçe ünji-alada eýeleýärdi. Onuň özüne-de, obadaşlaryna-da ýüreginiň awaýan bolmagy ahmal. Sebäbi olary bala-çagalary bilen kürenden çykaryp, bu giňişlige getiren Mämmet Badaly, onsoň gelnalyjy gelmese, ýüňsakgal boljak kim? Elbetde, toý eýesi. Ýöne küreniň adamlaryna-da ýüregiň awarça bar, sebäbi olaram bu toýy näçe diýseň küýsediler. Sebäbi bu toýuň köne ýurtda tutuljak iň soňky toýdugyny hemme bilýärler.

Obada garaşylan bolsa, belki, Mämmet Badaly özüni häzirkisi ýaly müýnli duýmasa-da duýmazdy. Ýöne bu şerti düýn şäherde ogly bilen gelni onuň boýnuna goýupdylar: biz kürene girip, o taýdaky egba jaýlary öz ýakyn dostlarymyza görkezibem, olary güldüribem biljek däl. Durnanyň aýagynyň üstünde duran ýaly agaç jaýlaryň içine salyp, ”eneňiziň-atańyzyň ýaşaýşy şumy?” diýdirenimizden, toý etmän oňaýjak…

Elbetde, Mämmet Badaly ilki gaharlanjagam boldy, ýogsa nä, öz öýüne at dakylsa, göwnüýetmezçilik edilse, kimiň gahary gelmez? Emma ýaşlaryň howsala düşmeginde bir syryň bardygyny ata bolup, syzmazlygam mümkin däl. Bular ýöne ýerden kejeleşýän däldir diýip, ogly bilen gelni ile bildirmän jedelleşýärkäler, ol içini gepletdi. Diýmek, ene-atalarynyň ýaşaýşynyň pesligini her öňýetene görkezesleri

gelýän däldir, görkezseler, öz durmuşlaryna zeleli ýetjekdir. Onsoň neneň olaryň diýýäni bilen ylalaşmajak? Neneň olara ”hä” diýmejek? Bu ýagdaýyň düýbüne düşünseň, ”Ýaşlar bagtly bolsalar bolýar. Galany: däbem, dessuram, gadymdan gelýän ýörelge-de gümüne gitsin!” diýäýesiň gelip dur. Emma Mämmet Badalyny gününe goýmaýan zat diňe bir däp-dessuram däl, şu günüň hem ertiriň aladasy. Eger ogly bilen gelni toý güni ene-atasynyň, garry öýüň bosagasyndan ätlemeseler, ertirki gün olardan önen agtyk-çowluklary nähili bor? Olar öz ene-atasyndan bütinleý ýüz öwürmezlermi?

Hawa, balykçylaryň küreni köne, öýlerem köne, egba, bu öýlerde şäherdäki ýaly lowurdap duran gymmatbaha agaçdan ýasalan öý goşlaram, zynatam ýok, ýöne bu öýlerde mähir, balykçylaryň açyk ýüregi bar. Olar, eýse arkaba-arka şu agaç öýlerde ýaşap, häzirki güne ýetmedilermi nä? Ata-baba çekip gelýän agyr zähmetleri güzeranlaryny ýeňilleşdirip, olary zynatly ýaşaýşa, ”depseň yranmaz” döwlete, kaşaň öýe ýetirip bilmedik bolsa, onda bu balykçylaryň günäsimi? Hamana, birnäçe ýyl mundan ozal şu öýlerden, şu kürenden çykyp gitmedik ýaly, onuň ogly nämüçin bu hakykaty bilmedik bolýar? Bu meselede nämüçin gelniniň tarapyny tutýar? Eger häzirden beýtse, ýumuş oglanyna öwrülse, munuň soňy nämä barar? Soň onuň özbaşdak pikir etmäge ukyby bolarmy ýa ”heleýguly” bolar gidibiýrmi? Ýok, Mämmet Badaly öz ogullarynyň beýle ejizlemegini islänok.

Käwagt töweregine göz aýlap, köpüň arasynda henizem şäher tarapdan gelmeli gelnalyjynyň ýoluna garap duran toý eýesiniň pikirleri gahar bilen paýhasyň arasynda agyp-dönýärdi. Gahary joşuberende, elbetde, ol özüniňkini dogry tapýardy: bolsa bolupdyr-da şäherli gyz, bolsa bolupdyr-da onuň boýdaşlary şäherli! Nämüçin olar öýlenýän ýigidiň ata-enesiniň ýaşaýan kürenine gelmeli däl?! Nämüçin olar

öýlenýän ýigidiň önüp-ösen agaç külbesiniň gapysyndan garamaly däl? Hany, bu ýerde edep-terbiýe, özüňden ula sylag-hormat? Ekläp-saklap, çagany adam eden ene-ata garaýyş şeýle bolmalymy? Özüni oňaran güni, ese-boýa galan güni çaga özüni ekläp-saklan, adam eden ene-atasyny depip gidibermelimi? Görsene muny, biziň öýmüz gapymyzdan garardan garypmyş! Hawa, ol, belki şeýledir, biz garypdyrys. Ýöne bu kürende öz erkine garyp ýaşaýan barmy? Kimiň zynata çümesi, durmuşyň hözürini görüp, ýag iýip, ýüpek geýip, ýaşasy gelenok? Kimiň özüne göwni ýetenok? Balykçylaram özlerini hiç kimden pes görenoklar ahyryn, olaryň gaýratam, düşünjesem, işeňňirligem hiç kimiňkiden pes däl. Ilden yza galaslaram gelenok, ýöne agyr zähmet olary eljiretmese, diňe ölmez-ödi berip oňdursa, olar nätmeli: aglamaly-eňremelimi, ähli işlerini taşlap, ömürlerini arza-şikaýat bilen geçirmelimi? Näme etmeli? Belki, sülgüniň jüýjesi ýaly, dogduk küreni taşlap, pytrap gitmelidir? Ýok, beýle zat bolmaz, ne Mämmet Badalynyň, ne beýlekileriň muňa ynsaby çatar. Bu kürende öz öýüni aňsatlyk bilen taşlap gitjek ýok, Annameret olar barada şeýle pikir edende, gaty ýalňyşýar. Mämmet Badaly Annamerediň özlerine gitdigiçe gyýa garaýandygyny görüp ýör, ýöne oňa nädip ýüregini açjagyny bilenok. Ol kimiňkiň dogrudygyny bilýär, emma Annamerediň ýanyna goşulyp, hökümet bilen ekjeşip, deňizden birugsat balyk awlamana-da çaky ýok, indi ýaşy gaýdyşdy. Eger Annamerediň ýaşynda bolan bolsady, onda, meger, tüýs boýun egmejekleň biri hut özi bolardy. Haýp, ol indi iliň ýaşulusy bolup otyr, elden-aýakdan çykybermek oňa mynasyp däl; hiç kimden gorkmasa-da, çekinmese-de, onuň edip biljek işi bar, edip bilmejek işi bar.

Öz ekläp-saklan ogluna-da ol bu günki gün çakyndan artyk gaty-gaýrym zat diýip bilmez, onuň özüni diňlär, raýyna

garar. Eger ogly ýaş gelniniň göwnüni görmek üçin öz dogduk küreninden gaça durmaga utanmasa, bu onuň öz işi, ýöne atasy onuň bu ädimini oňlabam, goldabam baranok. Häzir ýaz aýy hem meýdan durşuna gül-gülälek bolmadyk bolsa, atasy öz oglunyň gelnalyjysyny obanyň daşynda, takyr meýdanda garşylap, onuň durmuş toýuny ýalazy meýdanda sowup goýbermäge eger-eger kaýyl bolmazdy. Edil bu ugurda eglişige gitmegi – obanyň daşynyň içinden has gözelligi boldy. Bu alaňlaryň arasynda toý saçagynyň ýazylmagy, ýaşlaryň bu giňişlikde şatlyk-şagalaňa ugraşmasy şeýle tebigy görünýär. Howa gyzsa-da, entek gül-gülälekleň hemmesi uçanok, entejik göz aldara ot-çöp ýeterlik!

Hamana, bu çaka çenli toý eýesiniň öz-özi bilen ylalaşyga gelmegine garaşyp duran ýaly gözýetimde gelnalyjynyň tozany göründi. Tozanyň başga zadyň däl-de, hut garaşylýan gelnalyjynyňkydygyna obanyň garagörnüminde garaşyp duranlaryň hiç birinde zerre güman galmady. Uzakdanam bolsa, tozanyň tutumlydygy bildirýärdi. Balykçylaryň kürenine hatar tutup, gelnalyjydan başga kim gelsin? Dynç alyş güni bu taýyk topar tutup, başlyklaň gelmejegi açyk. Mämmet Badala pikirini jemlemäge wagt bolmady.

Töweregindäki ýaş-ýeleňler onýança:

– Gelnalyjy! Gelýäler-ä-gelýäler! – diýşip, belentden belent alaňa dyrmaşyp, şowhun turuzdylar.

Ýaşy-garrysy ýok, balykçylaryň hemmesi, hamana, birnäçe sagatlap güne jyzyrdap garaşmadyk ýaly şatlyga ulaşyp, janlanyp gidiberdiler.

– Düşekler azlyk eder-ow, tozan ýaman uludan turýar! Bäş-üç sany haly-palas, ýene birneme suw getiriläýse näderkä? Çäýnek-käse-de kemlik edäýmesedir-ow – diýşip, toýuň beýemçileri süýji aladalara meçew berdiler. – Gelen batlaryna

öýlenýänleriň öňüne nahar äbermelidir, olary bir minudam garaşdyrmak bolmaz!

– Özümiz welin, garaşmadyk-da... – diýip, meýletin nobatçy ulagyň eýesi Rejep hüňürdejek boldy.

Emma onuň hüňürdisini töwerek-daşdan çykan sesler basdy:

– Biziň garaşanymyz hiç, ýigit bilen gelin garaşmasa bolar! Seňem dädeň öýlenen günüň özüni gaýgy eden däldir!

– Aý, biz-ä şo zatlaň näjüre bolup geçenem ýadymyzda ýok – diýip, Rejep ýeňse berip ugrady.

– Hi-wi, oglan, ýadyňa düşmese, onça kemi bolan däldir-dä, ýogsa düşerdi – diýip, gelin-gyzlaň arasyndan onuň dilewar keýwanysynyň jedirdisi çykdy.

Mähelle gelniň gepine gülüşdi. Toýuň beýemçileri, gelnalyjynyň tozanyndan çen tutup, eglenmän, kürenden ýene birneme gap-gaç, suw getirmeli etdiler:

– Oturgyç-beýlekem alaýyň bolmasa, kimiň gapysynda görseňiz, şäherli adamlardyr, aýbogdaşyny gurup, ýerde oturyp bilmezler, olara stol-stul gerekdir!

Rejep, kömekçilerini ýanyna alyp, salymyny bermän, oba ýöneldi. Olary gözleri bilen ugradyp durşuna Amanweli:

– Aý, diýseňem-ä... – diýip, ädehedine görä dyzyna şapbat urdy, – diýseňem-ä...

– Näme ýöne ”diýseňem-ä” diýip dursuň, aýt-da aýtjak bolsaň!

Amanweli loh-loh güldi.

– Aýdaýjak welin, Mämmet däde elindäki susagyny aýlap salarmyka diýýän, gudasy-da indi bu gelýänler onuň.

Hojadurdy uzyn Mämmediň arkasyndan gelip, degşip, onuň ellerini tutdy.

– Mämmet dädeňi özüm tutýan, ynha, aýdyber indi, millet eşitsin näme diýjek bolýanyňy!

Amanweli, ätiýajy elden bermän, gazanyň başyndan gaýrarak çekildi-de, balykçylaryň köne degişmesini gaýtalady:

– Aýtsam, bäş gün şäherli bolany bilen, olaň nä arasynda özümiz ýaly çomur barmy? Hemmesem düýnki g…ti pohly çarwadyr-da!

Hojadurdy uzyn ha-ha-haýlap, toý eýesiniň ellerini goýberdi. Mämmet Badaly, naharyň duzuny dadyp durşuna, degişmä degişme bilen jogap gaýtardy:

– Beý diýme-daýt, Amanweli, meň gudalaryma! Alagada saňa-da "g…ti agaçly" diýer welin, oturansyň-da onsoň lak bolup!

Hojadurdy uzyn burnuna salyp, hoňňuldady:

– Diýseler – diňlemesek alajymyz bolmaz, nä ýalanmy: ata-baba otyrýerimiziň agaja ýelmeşeni?! Ömür günümiz taýmylyň üstünde geçipdir. Çarwalaň, ony diýse, haky bar.

Olaryň garasy ýitip-ýitmänkä-de, şäher tarapdan gelýän tozan depeleriň arasyndan öwrülip-aýlanyp, märekäniň garşysyndan çykyp, sozanguýruk bolup, dogry bärligine gaýtdy. Depede duran ýaşulularyň biri:

– Bäh, tüweleme, bular-a 10-12 maşyn bar, az-küş däl. Palawymyz gyltyzrak bolaýmasa-da biridir – diýip, howslalasyny bildirdi. – Aýtdymam-la welin, Mämmet, özüňdä, 15-20 adamdan artyk gelesi ýok diýip, bizi arkaýyn eden. Bular-a 15-20-iň çaky däl!

– Hany, entek suw görmän, tamman çykaryberme, bular şäherden geregini edinip gelen bolsa bildiňmi?! Gelsinler bakaly, onsoň görübiýris, gyzyl balykdan bukup goýanymyz ýok däl çişlige-beýlekä diýip, şondan ýene bir gazan palawy ataraýdyk-da, biş-düşi az görsek! – diýip, aşpez ýaşuly hatarlanyp, bugaryşyp duran toý gazanlaryna göz aýlap, arkaýyn gürledi.

Şol barmana-da bir kiçeňräk ýük maşyny ilden ozup geldi-de, beýleräkde saklandy. Onuň içinden çykan iki sany ýaş ýigit ýaşululardan “Gudalaryň stoluny nirede gursak bolar?” diýip sorady. Ýer görkezilen dessine-de, olar stol-stullary ýazylgy haly-kilimleriň bir çetinde dikdiler. Onýança-da gelnalyjy topbagy bilen sozanguýruk bolup, bu taýyk gelip ýetdi.

– Essalawmaleýkim, ýaşulular! – diýip, durmuşa çykýan gyzyň dädesi Borjak Nurbatow öz täze paryndaşyndan baslap, küreniň ýaşululary bilen elleşip çykdy.

Gudanyň ýany bilen gelen şäherli myhmanlar hem onuň hereketini, gylyny gyşartman gaýtalap, epeýlik bilen elleşip çykdylar. Arzyly myhmanlar düz ýerde gurlan kaşaň stoluň başyna geçensoňlar, toý eýesidir onuň ýakyn dostlaryndan hem birnäçe adama olaryň ýanyndan ýer ýetdi.

Olar gelnalyjy maşynlaryň keýpihon “düýdüldisiniň” astynda hal-ahwal soraşdylar. Ulaglardan paýraşyp düşen ýaşlar bolsa, salamdan-helikden bizar, aýaklaryny ýere basan batlaryna ugrybir tansa başladylar.

– Küşt! Küşt! Küştdepdi! – diýip, ýigitleriň biri bar güýji bilen zowladyp gygyrdy.

Borjak Nurbatow epeý gürledi:

– Toýy dabaralandyrmak üçin ýanymyz bilen çeper höwesjeňlerem getirendiris. Goý, oglan-uşagy güýmesinler! Ýogsa, bu taýda günde-günaşa gulagyňyzyň posuny açyp duranam ýokdur…

– Hak aýdýaň! – diýip, Hojadurdy uzyn toý eýesinden öňürdip jogap berdi. – Bular ýaly zat görmänimize-de indi telim ýyl bolandyr, halys ýöne daşymyzy gabap goýdular-a biziň…

Toý güni zeýrenji artykmaç hasap eden Nur Tagan, Mämmet Badala gezek bermän, aýdylan gepi dogry ugra burmaga çalyşdy.

– Şuny gaty oňarypsyňyz, toýuň görki – aýdym-saz. Özümizem bäş-üç sany ýaş-ýeleňi taýynladyk, ynha, goşulyşyp hezil bererler welin, tüýs bolar-da duruberer.

Mämmet Badaly gudasynyň hormatyny ýetirdi:

– ”Döwlet ile geler bolsa, Bagşy bilen ozan geler!” diýilmänmi nä, geldiňiz – döwletimiz artdy.

Tamada ýigit şäherden getirilen buzly gapyrjaklardan şampan şerabyny çykaryp, bulgurlary stoluň üstüne örtülen owadan saçagyň üstünde çalasynlyk bilen düzüşdirip çykdy. Ýaş çatynjalar stoluň başyndaky ýerlerini eýelänsoňlar, bulgurlar doldurylyp, tost göterilip, öýlenýänleriň şanyna süýji sözler aýdylyp, giň düzlükdäki toý dabarasy dem saýyn gyzyşdy gitdi. Toý märekesi duran-duran ýerden saçak başyna düzüldi. Ýöne ýaş-ýeleňleriň saçak başynda uzak oturmaga takady ýetmedi, aýdym-saz olary gününe goýanokdy.

Gyrmyzy donly, bezemen çabytly çeper höwesjeňler ýigit bilen gelni aralaryna alansoňlar, küştdepdiniň aýlawy hasam giňelip, düzlüge ýaň saldy.

Alkymynyň daryndan-a,
Doýman goşa naryndan.
Öz ýarymyň saçlarynyň
Öpsem her bir taryndan!
Küşt, küşt, küştdepdi!
Haý, haý, haý, haý, küştdepdi!

Şäherden getirilen ir-iýmişler howa ýagtylaly bäri düzde ojak gazyp, gazan ataryp, taýynlanan dürli damaklaryň üstüni ýetirip, täsin bolçulygy döretdi. Soňky döwürde iýmitden

eljiredilmedik kürenliler bu bolçulyga agyzlaryny öweldişip galsalar nädersiň! Balykçylaryň ençemesinde bu gün ”Şäher ýaşaýşy-da biçeme däl ýaly-la – diýen düşünje döredi. – Tizräk şähere aşylsa, belki, olar ata-baba görmediklerini görerler?..”

Küreniň ýaşlarynyň şäherliler bilen gatylyp-garylansoňlar, uly ýaşlylar-da olardan kem galmadylar, olaram ikiden-ýekeden orta çykdylar. Tansa goşulmadyklary-da gapdaldan gykuwyny ýetirdiler.

Ýarym gelýär gör diýib-ä,
Atyň ýuwaş sür diýip,
Tutsam akja goşardan-a,
Birje posa ber diýip!
Haý ald-eeý, jan ald-eeý!
Şol garagöz janym aldy!
Küşt, küşt, küştdepdi!

Alma biter, nar biter-eeý,
Dürli miwe zor biter,
Gözleri gamhor ol ýaryň
Gaşlary owsun atar.
Küşt, küşt, küştdepdi!
Haý, haý, haý, haý, küştdepdi!

Toýuň şowhuny şeýle bir ýokary galdy welin, sähel salymdan tamadanyň bokurdagy gyrlyp, dili diýen etmän bazzyldap ugrady. Gep tapmasa-da, ”dogzy-da walla!” diýip, uzyn saçlaryny daraklaýardy. Gün günortadan agansoň, Borjak Nurbatow, gudasyndan ötünç sorap, ýany bilen getiren arzyly myhmanlaryny-da alyp, şähere gaýtdy. Şondan soň tamada özüni has hem arkaýyn duýdy. Ol indi özüni toýuň ýeke-täk beýemçisi diýip hasap etdi.

Bu bolşa Mämmet Badaly ýylgyrdy: aragyň etdirýän oýny-da... Hawa-da, indi türkmeniň araksyz geçýän toýy barmy nä? Bu ilde indi balykçylaryňky ýaly arakdan-şerapdan özüni saklap ýören küreni tapaýmak aňsat däl. ”Goňşyň kör bolsa – gözüňi gyparak!” diýipdirler, depelerinde duranlaryň ählisi bu düzgüni alyp göterseler, edara başlyklarynyň şonsuz güni geçmese, görgüsi ýaman ýaşlara näme galýar – diňe göreldesine eýeribermek galýar-da. Ýöne myhmanlary bir meýdan öz ugurlaryna kowansoň, ol her halda toýuň gidişine goşulmagyň wagty geldi diýip hasaplady. Ol oglunyň ýanyna baryp, onuň gulagyna pyşyrdady:

– Arak-şerap indi boldy ediläýse näderkä? Oglanlaň halys kellesi göçüp barýan ýaly-la…

– Degme, däde, işiň bolmasyn, myhman göwünleri bardyr, keýp etsinler! Bular, islese, içişip, öküzem ýykyp bilerler. Öküz näçe suw içse, bulaň arasynda arakdan şonçany içip biljek gerçekler bardyr, hudaý kessin, ynanaý!

Mämmet Badaly başyny ýaýkady.

– Aý, ýok, küreniň gözüniň alnynda beýle zad-a bolmaz, çaga-çuga bar, aýal-gyzlar… Özüňem görýäň.

– Däde, baý, gaýgyçyl bolupsyň-aý! Näme meň dostlam şu taýdan özlerine gelin gözlär öýdýäňmi? Bulaň göwnünden turaýmak kyndyr, gyz diýeniň edil… ol töweregine garanjaklap, deňeşdirere nusga gözledi, ine, şu meniň gelnim Gülbibi ýaly bolmaly!

Gülbibi näz bilen owsunyp, oglanyň ýaňagyndan öpdi.

– Dilleriňe döneýin!

Mämmet Badaly ejap edip, birneme gaýra çekildi. Emma gelniň ýigidi öpenini gören şäherli ýaşlar ýerli-ýerden:

– Posa! Posa! Posa! – diýşip, gopgun turuzdylar.

Ana, nädersiň onsoň, yzy näz-kereşmä, ýigit bilen gelniň hakyky öpüşmesine ýazaýsa! Kürenlileriň bu sözi ozal

eşidenleri-hä ýylgyryşdylar, eşitmediklerem, ör boýlaryna galan ýigit bilen gelniň dodaklarynyň ykjam tapyşandygyny görüp, agyzlaryny açdylar. Öýlenýänleriň dodaklary tapyşanda, çuwalgyzlar ”hih, hi-wi!” edişip, gyzaran ýüzlerini sowsalar, uşaklar ylgaşyp baryp, bu hereketi aşa hezil görüp, has golaýdan synlap, ”urra!” diýşip, çapak çaldylar.

Oturanlaryň biri stoluň başyndan turup, ýene-de ”küştdepdi-ii!” diýip gygyrdy. Keýpi kök mähelle şol bada stollaryň başyndan turup, derrew ýene bir gyrada küstdepdiniň aýtymyny döretdi. Ana, onsoň tüweleýläp ugran tans sazynyň bady ýene al-asmana galdy. Şäherli oglan-gyzlar ulaglaryň ýanyna ylgaşyp baryp, eginlerine gyrmyz don, başlaryna silkme telpek geýip, yzlaryna dolanyp gelensoňlar-a, bu gözelligi diňe filme surata düşüribermek galdy.

Gap duldaky gandymyz-a
Nogul-eý bolar-eý, işalla!
Kerem janyň ilkisi, gel,
Ogul-a bolar-eeý, işalla-a!

By sanawajy eşiden Mämmet Badalynyň göwni göterildi. Ol gapdalynda duran Bally çolakdyr Nur Tagana ýüzlenip:

– Sakgaldaşlar, şulaňkam bolman durjak däl-haw! – diýip, sesine bat berdi.

Küşt, küşt, küştdepdi!
Haý, haý, haý, haý, küştdepdi!

Bir çetde motory işledilip goýlan ýük maşynyndan uzalyp gelýän simlere çatylan ses gataldyjylar düzlügi ýaňlandyryp, toýa näçe diýseň şowhun berýärdi.

– Bolar, işalla – diýip, Bally çolak onuň bilen bir hörpden gopdy. – Eginlerindäki lybaslaryny dagyn görýäňmi, edil ýöne bile biten ýaly.

Obaly gyzlardan küştdepdä öňden taýynlanan Bagty baryp, aýdymçynyň elinden mikrofony aldy-da, ýanyndaky oglan bilen ses goşup, köne heňe tutdy:

Düýe gelýär ýataga,
Boýny doly otaga,
Aý, gyz, saňa aşyk men,
Janym bolsun sadaga!

Şäherden gelen çeper höwesjeň mikrofony derrew yzyna kakyp alyp, özüniňkini dowam etdi:

Gyz ýaňagy ot alar-heý,
Ýanar söýgiň oduna,
Kerem janyň butlary-heý
Deger gyzyň buduna!
Küşt, küşt, küştdepdi!

Ýaşulular, hamana, öz agyzlaryndan ýakmaz zat çykan ýaly ýüzlerini sapajak-supajak etdiler. Aýdymçy ýigit bolsa tamadanyň haýyşy boýunça ýörite bildiriş etdi:

– Adamlar! “Balyk ýüzmedik suw” diňe içmek däl, içine başak urup, gulaçlap ýüzseňizem ýetjek! Kim öýlenýänleň saglygyna götermek islese, stoluň başyna gatnabersin! Biziň şöhratly tamadamyz “balyk ýüzmedik suwdan” tans edip ýörkä datjaklaryňam gözleginde-eee!

Şondan soň üstüne doly bulgurlar düzülen eli owadan mejimeli tamada ýigit küşt depýänleriň daşynda tersine tans

edip, aýlanyp ýörşüne, isleg bildirenlere yzly-yzyna içgi paýlady.

– Ähem-ühem – edip, Mämmet Badaly ardynjyrady. – Hawa-da… bulara, däninim, goýam diýip boljak däl-dä…

Arkalaryndan gelen Gutly onýança:

– Bolýa-daýt, Mämmet däde, gyzyň dädesi çydasa, size näme, goý, olar utansyn! – diýip, içgiliň degişmesini etdi.

Mämmet Badaly oňa sowukganlylyk bilen jogap gaýtardy:

– Gyzyň dädesi eýýäm şäherde otyr, men bu taýda, bu toýuň abraýam, biabraýçylygam meň boýnuma, han ogul.

Nur Tagan Gutlynyň keýpiniň köklügini ýüzünden aňyp, Mämmet Badala basalyk berdi:

– Ýok, ony edip bolmaz, sakgaldaş. Toýçulykdyr-da, çydamasak bolmaz. Her kimiň bir ýagdaýy bolýar, ol ýigidiň ”balyk ýüzmedik suwa” eňegini köpräk basýanyny görýän, ýöne myhman hatyrasyny saklaly, hany entek öte geçibem barýan zatlary ýok, darykma.

Şatlyk-şagalaň birnäçe sagat dowam etdi, myhmanlaryňam, küreniň ýaş-ýeleňleriniňem armany galmady, olar biri-birinden gylaw alyp, toý tansynyň şowhunyny dik ýokary göterdiler. Aýak ýeterde başga oba bolanlygynda, bu toýuň şowhuny o taýynam örüzerdi, emma balykçylaryň küreni bu jelegaýda ýeke-täk bolansoň, toý gidip durka keseden gelip, oňa goşulan bolmady. Içgä ýykgyn edýänler soňa-baka tans etmek beýle-de dursun, aýak üstünde durmaga zordan ýaradylar. Tamada ýigit welin, şonda-da hödür-keremini goýmady.

– “Balyk ýüzmedik su-uuw”! – diýip, ol adamlaryň arasynda irmän-arman, aýlandy ýördi.

– ”Balyk ýüzmedik suwam” gurasyn – bizem… – diýip, Mämmet Badaly şoňa-baka halys darygyp, hüňürdedi. – Uruşda şonuň bilen başymyzy aýlanlaram ýeterlik, dynç

günümiz onuň ejiri nä görgi? – ol, haraý isläp, ýene Nur Taganyň ýüzüne garady. – Her hüjümden öň ”narkom paýogy” diýip, guýup bererler, ana, şony başyňa çekersiň welin, soň öleniňem bilmersiň, galanyňam, okuň astyna süsdürilip barýansyň. Nijema ýigitler gitd-ä şeýdip… Garrygaladan bir oglan bardy, neresse gyzyl ýaly oglandy. ”Mämmet, şuny sen içsen-e, ölmäge taýyn, ýöne niräk ylgaýanymy bir görüp öleýin” diýerdi neresse. ”Şuny içsem, soň ýolumy göremok, ýöne çak bilen iliň ugruna eňip barýan. Meni arak alandan, goý, ok alsyn – diýerdi. Ýöne her gezegem, töweregindäkilerden utanyp, burnuny tutup, awulyk ýuwdan ýaly özüne berleni ýuwdardy. Ahyram şol başyna ýetdi neressäň: il aşak ýatanda, oka pitiwa etmän, ýeke özi gitdi öňe “ur-ra!” diýip, durmalydygynam bilmedi, ýatmalydygynam, iliň yza çekileninem bilmedi. Sondan soň men onuň ne dirisini gördüm, ne-de ölüsini.

Nur Tagan başyny ýaýkady.

– Içmän ýören adam üçin awy-da bu, kelläni doňdurandyr.

– Berlende, doňdursyn diýlip berilýä-de ol! Ýogsa, kim çagba ýaly ýagýan okuň aşagyna ylgajak?! – diýip, urşa gatnaşan balykçylaryň biri Hojadurdy uzyn olaryň arkasyndan geldi. – Bu köşekleňem häli kellesi doňandyr, zat diýiji bolaýmaň, tansy taşlap, özüňizi iş edinäýmesinler. Entegem gelniň uýat ýerini agzamasalar, şükür ediň-de oturyň.

– Şony diýsene… – Nur Tagan biynjalyk seslendi.

Nur Tagan Hojadurdy uzynyň ýaňky sözüne sakgaldaşynyň gatyja gaharynyň gelendigini aňlady. Ýöne toý güni birewiň göwnüne degmekden hudaý saklasyn. Ýakmaz söz aýdaýanlarynda-da, öte hetden aşmasalar, küşt depýänlere-de zat diýip bolmaz. Olaryň hemmesem öýlenýän ýigidiň ýa gelniň ýakyn dostlary, boýdaşlary, onsoň, ýeri, nädip olaryň göwnüne degjek?

Göýä Nur Taganyň içindäki gopýan harasady aňan ýaly Hojadurdy uzyn öz sözüni ýuwmarlaýan äheňde seslendi:

– Jähenneme gitsin-le, Mämmet, özlerine ýarasa – bize-de bolar-da. Küreniň gelin-gyzlaram indiden eýläk bu zatlardan ýa sakladar, ýa saklatmaz, hä diýmän, topuň bilen, ine, şularyň arasyna barmaly. Onsoň bularyň haýsy bir sanawajyny gaty görüp, haýsy bir çylkasyz sözüne gaharyňy getirjek. Sakgaldaş, indi bize hemmesine kaýyl geläýmekden başga çäre galaýdymyka?

Mämmet Badaly tutuk jogap berdi:

– Ýok, men-ä galandyr öýdemok.

”Küşt” depip ýören ýigitleriň biri ýerde ýatyp, towlanyp, täsin bir tansa başlady. Muny gören ýaşuly-ýaşkiçi şoňa tarap eňilip, onuň ýagyrnysyny ýere degrer-degirmez ortada çalasynlyk bilen pyrlanyşyna tomaşa etdiler.

– Bu nähili tans boldugy, küştdepd-ä däl bu – diýip, Rejep palawdan göjän garnyny sypalady.

– Muňa ”breýek” diýýäler, agam! – diýip, ýetginjekleriň biri keýpihon güldi. – Siziň düşünjek zadyňyz däl! Bu küstdepdiden hezilräk, bu bütin dünýäde meşhur. Küştdepdi diňe türkmeniň tansy, şoň üçinem ony Türkmenistandan başga ýerde hiç kim bilenok. Şäherde küştdepdiden breýk has ýörgünli.

– Şeý diýsene, han ogul – diýip, Nur Tagan kinaýaly gürledi. – Türkmeniňki bolsa, türkmeniňki bor-da, nä sen ”ilde ýok” diýip, öz zadyňy zyňjak-da gidiberjekmi? Ýol uzakdyr, iru-giç özüňkiňem gerek ýeri bor. Sizem ahyr bir gün amanat zatlardan irersiňiz-ä!

Ýaş ýigit ýaşulularyň ýanyndan tiz göterildi. Ol ýüzüniň ugruna tans edýänleriň arasyna kürsäp urup, il bilen deň aýlanyp ugrady.

Hojadurdy uzyn oňa barmagyny çommaldyp, güldi.

– Haý, doňuzjyk! Gör, oň bolaýşyny! Dagysyna biljek däl, ýöne iň bärkisi şu düz ýerde-hä küştdepdiniň döwi rüstem! – Bireýkmi ýa ikeýkmi, ony biljek däl, ýöne küştdepdi ýaly uzakçyla däl eken.

Ýüpek haly-ýorgança, gel,
Toý gününde düzgündir,
Girseň ýaryň goýnuna, wah,
Gyz gujagy gyzgyndyr!
Heýýa-heýýa, gep şeýle,
Türkmeniň küsdüni dep şeýle!
Küşt, küşt, küştdepdi!

Onýança stoluň üstünden arak daşap, tans edýänlere indiki öwrümden içgi paýlap ýören tamada ylgap baryp, aýdymçynyň elinden mikrofony gaňryp aldy-da:

– Aşagrak düş-ä, how, çak boldy! Satanynyň arasy gyzgyndyr diýsene!

Bu çylkasyz gepi eşiden Nur Tagan Mämmet Badalynyň gulagyna gygyrdy:

– Bulary indi abraý bilen ugradaly, sakgaldaş! Ýogsa, bular ýene birsalymdan git diýseňem gitmezler, has beter oýun taparlar.

– Aý, hawa-da, geldiler – gördük, indi sag-aman gidenlerinem göreli! Iň çatak ýeri – biz beýdip agzymyzy öweldişip dursak, gyz-gelinlerem, uşaklaram agyzlaryny açyşyp durlar. Toýy gurnan, bulary kürene çagyryp getiren özümiz, diýmek, däninim, indi öňlerinden çykmalam özümiz bolýas galyberýäs.

Şeýdip, küreniň ýaşululary kelte maslahatdan soň, şäherlileri sag-aman, abraý bilen yzlaryna ugratmaly etdiler. Mazaly, günem aşak sallandy, indi bulary yzlaryna dolamak

heňe gelmänem duranokdy. Myhmanlary ugradanlarynda, Nur Tagan bilen Mämmet Badaly tansçy ýigitleriň hem gyzlaryň egnindäki ketenileriniň, gyrmyz donlarynyň, hamana, seçelenip duran başlaryndaky silkme ak telpekleriniň hakyky däldigini görüp, haýran galdylar.

– Bu nämüçin beýle? – diýip, Mämmet Badaly sorady. – Bular ketenem däl, gyrmyz donam, silkme telpegem, kagyz ýaly-la bular.

– Bize hakykysy ne derkar? – diýip, tansçy ýigitleriň biri göwnühoş güldi. Hakyksyny güýä iýdirmän saklamak gara görgi, a bulara it degjek gümany ýok, islän ýeriňe taşla-da git. Bize bularyň daşky görnüşi gerek, galan zadyny başymyza ýapalymy?!

– Jaý gürrüň, size indi, inim, haýsy bolanda näme, hakykysy bolmasa bor! – diýip, ýaşulularam ýaňsa alyp gülüşdiler. – Hakyky zatdan ägä boluň, oňa ýanaşsaň, borjy bardyr!

Ýigidem kem galarly däl:

– Hakyky bolmanda nä, halka ýaraýamy – boldy şol! Indi bu çakda özüňiz ýaly hemme zadyň düýbüni dörjäp ýören kän däl. Biz bulary geýip, bütin welaýata aýlanyp ýörüs, emma hiç kim bize igenenok. Märekä hakykat däl, oýun gerek, näme siz şunça ýaşap, şonam bileňzokmy?

– Bilýäs – diýip, Mämmet Badaly ýigidi köşeşdirdi. – Heý, bilmerismi? Hemmesinem bilýäs, ýöne muny boýun alyp bilemzok, ana biziň betbagtlygymyz şonda, ogul.

– Ýaşuly! – diýip, çeper höwesjeňleriň tansçysy gygyrdy. – Size bu gün betbagtlyk hakynda gürrüň etmek nämä gerek. Bu gün sizden bagtly adam ýok, siz hut Borjak Nurbatow bilen ýakyn garyndaş bolduňyz! Üstesine-de, siz toý eýesi, şoň üçinem, hany, galan araklardan bulgurlary dolduryp, Kerem bilen Gülbibiň saglygyna götereliň!

Mämmet Badaly ony ugruna süren ýaly edip, öz pikirini aýdyp galdy:

– Aýdýanyň gaty dogry, ogul, ýöne biz bir çet kürende ýaşap ýören yzagalak adamlar, şonuň üçribem ýakyn garyndaş diýip, heniz-henizem aga-inä, öz gandüşer bajylarymyza, daýy-ýegene diýýäris. Galan garyndaşlaryňam hormaty şolarça bardyr welin, onda-da guda biz üçin birneme daşkyrak bolýar.

– Ýaşuly, ýalňyşýaňyz! Il-ä siziňki ýaly guda tapanok, a siz bolsa… Aý, bolýa-da, o bolmanam ýaşululara gep düşündirjek bolsaň, saçyň agarar-laý!

– Dogry-da walla, özüňçe baru-ýok şäherliden gep çekip! – diýip, Nur Tagan, ýeňsesini tüňňerdip, daşlaşyp barýan ýigidiň yzyndan çyny bilen güldi.

Şäherli myhmanlara toýdan hoşal bolmazlyga sebäp galmady, olara başdan-aýak dik durup hyzmat edildi, olaram düz ýerde tans edip, keýpden çykdylar, kemini goýmadylar, küreniň ýaşlaryna öz hünärlerini görkezdiler. Küreniň ýaşlarynyň olara gözigidijilik bilen garaýyşlaryndan bu sapagyň ýerde ýatmajagy bes-bellidi. Olar öz şäherli duşdaşlarynyň ýekeje hereketini-de gözden salmadylar, her ugra olar bilen deň deprenişdiler.

Myhmanlary ugradyp, toýuň yzyny ýygnaşdyryp ýörkäler, Mämmet Badaly eline düşen ýarpy çüýse aragy başaşak tutup, takyr ýere döküp oturyşyna, içini gepletdi: ”balyk ýüzmedik suw diý-de goýaý…”, älhepis, munuň durudygyny, päliňi bozagadin birnemejik dadaýsaň, şu wagtam edil ýöne hüjüme eňibermeli etjek.

– Dadaý bolmasa, könäni ýatla-da – diýip, Rejep gapdaldan garnyny selkildedip güldi.

Mämmet Badaly başyny ýaýkady.

– Ýok, men muny datmaýyn, datsam, ”Garry oýnasa – gaý turarlary” bolaýmasyn. Bu adamlar ozal, däninim, narkom paýogyny kän dadandyr. Her kimiň öz bir endikli gylygy bar, bu zährimardan dadan günümiz, biziňki ýene yzy hüjüm bilen gutarar.

# 5

Toý sowlup, birnäçe wagtdan soň adamlar ýene-de öz tükeniksiz gündelik aladalaryna dolanansoňlar, kürene gaýtadan ýürekgysdyryjy imisalalyk aralaşdy. Göräýmäge, Aýbäbegem ile görä ýaşabermeli ýalydy, şeýlekin günler, elbetde, onuňam güzerany iliňkiden öte parh edip duranokdy, ýöne Annameret deňze çykanda welin, oňa ynjalyk ýokdy, gaýgy-aladasy ýetikdi, ol tä gaýdyp gelýänçä, saly suw üstündedi.

Bu gün Annameret jahan ýagtylyp-ýagtylmanka deňze çykdy. Mämmet Badalynyň toýundan soň, onda adamlar indi öz pikirlerini üýtgederler, şähere göçmekden boýun towlarlar, dil birikdirip, ýokardan gelen buýruga garşylyk görkezerler diýen umyt galmady. Toý güni Mämmet Badaly hem öz gudasyna ”uzaklaşdyrman, şähere göçeris” diýip, söz berenmiş. Muny eşiden Annameret Aýbäbege ”Bulardan öz öýüni goran ýok – diýip, jibrindi. Kürendeşleriniň bolşundan ahmyrly netije çykardy: – Öz öýüni goramadyk kişi, erte ýurt ýykylsa, ýurdunam goramaz”.

Aýbäbege adamsynyň çykgynsyzlykdan habar berýän pikirlerem, soňky günlerde deňizde has gitdigiçe uzak bolmagam kän ýarap duranokdy, ýöne toý güni üýşmeleňe barman, deňze çykmagyna özi rugsat berensoň, indi äriniň öňünde dili keltedi, başga hörpden gopsa, ýüzi alnaýjak ýalydy.

Elbetde, Aýbäbek bu ädimi keýpine ätmedi, kellesi gyzyp, toýda Annamerediň birdenkä obadaşlary bilen tutluşyp gidibermeginden çekindi. Eger-de Mämmet Badalynyň wezipeli gudasynyň hem onuň kärdeşleriniň toýda sähelçe wagt oturyp, yzlaryna gaýtjakdyklaryny öňünden bilen bolsa,

onda, galanyny owarram edip, gaýta her ugra ony toýa eltjek bolardy, ol gün onuň deňze çykmagyna, asla-da razy bolmazdy. Emma toý güni wezipeli myhmanlaryň ýanynda gyzmalyk edip, köpüň gözünden düşmeginden çekinensoň, razy bolmajak zadyna razylyk berdi, hatda şol gün deňze çykmaga ony özi yrdy diýseňem boljak. Indem deňze gitme diýip, aslyşsa, äri ondan gaty nägile bolar. ”Kürende toý bolanda maňa deňze çykmak bolýa-da, ýönekin wagt bolanok-da, şeýlemi?” diýip ýaňsylasa, Aýbäbek oňa näme jogap bersin? ”Seni abraýly adamlaň barjak ýerine eltmejek boldum-a” diýsinmi?

”Adam bir işi ýalňyş etse, soňy edil zynjyr ýaly tirkeşip, tükeniksizlige sapjak gidiberjek eken, – diýip, Aýbäbek öz eden işine ökündi. Emma näçe ökünse-de, özüniň gaýa-gopuz ýok ýerden göz bilen gaşyň arasynda goýberen ýalňyşyna çolaşyp, erksiz galdy. Şonuň üçinem bu gün daňdan adamsy deňze çykmak üçin goşlaryny taýynlap ugranda, sessiz-üýnsüz oňa kömek etdi, dagy nätsin? Aýbäbek indi oňa bäri-bärde garşy çykyp bilmese gerek. Ýogsa, aralarda ”Indi şunyňy bes et, men ýadadym” diýip, baý, ony aljyrat-da, asyl tas yrypdam, emma, ynha, ol wagtky ýeteni indi bu gün öz gözüne elýetmez bolup görünýär. – Näletsiňmiş, hemme zadyň beýle çylşyrymly bolaýşyny! – diýip, ol içini gepletdi. – Biz garybyňam arkaýynçylykda ýaşan wagtymyz bolarmyka? Nämüçin biziň edenimiz tersine bolýar? Biz bela-beteriň güýçlüden güýçlüsine duşýarys, şowsuzlyk diýlen zat edil ýöne bizi gije-gündiz atly-ýaragly aňtap ýören ýaly. Bu nämüçin beýle bolýarka? Nämüçin biz beýle güne galdykkak? Hany biziň daşymyzyň galasy? Hany ganat bolup, üstümize gerlip duran gorag? Asla ol gorag haçan bize özüniň bardygyny bildirdi: ajygamyzdamy? suwsamyzdamy? kesellämizdemi? Belki-de, kynçylygyň öňünde bialaç

galamyzda bildirendir? Haçan? Asla şeýle gorag, heý, barmykan berin? Ýeriň ýüzünde şonuň ýaly şonuň ýaly goragly, bagtly adamlar, şonuň ýaly ýurt barmykan? Näbileýind-ä, radiony diňleseň-ä, başga ýurtlaň ýagdaýy biziňkiçe-de ýok, o taýlaram, haçan görseň, tutda-baslyk, adamlar kösençde. Adam pahyr öz dogduk topragynda-da, niçikmi gözüni açandan, özüni bilenden, tä ahyr ýaşyna çenli näletsiňmiş durmuş bilen tutluşyp, ýakalaşypjyk geçmeli. Radioň nurbatyny towlasaň ýa gazetiň gatyny açsaňam, hemme zat gülala-güllük, ekişem ekilýär, suwam tutulýar, harman-harman hasylam alynýar, ýolam çekilýär, asyl ýöne durmuş bedew at ýaly, öňe daýyrdap gidip otyr, yzyndan ýetip bilermikäm diýdirýär. Emma gözüň açylaly görýäniňem – şol bir egba hütdükler, şol bir ýetde-gütdelik, şol bir boýnyboş adamlar. Annamerediň neneň jany ýanmasyn, neneň ol jibrinmesin? Hemme zat edil ”bolmasyn” diýlip edilen ýaly: haýsy zadyň ýakasyndan tutsaň, ýakasy eliňe gelýär. Adamlar şu wagt, ata-baba oturan ýurt ýerlerinden aýrylsalaram, şähere bararys, adam şekilli ýaşarys diýen inçejik umytlary bar, şolam olara azajygam bolsa, güýç berýär. Emma o taýyk barlansoň, neneň-niçik boljagyny welin, anyk bilýän ýok, hemmesi diňe çak-çen. Şäherlileriň öz boluşlaryny görseň, bujagaz umydyňam uzaga gitjegi belli däl, üns berip görseň, o taýda-da kim wezipeli bolsa, şol gowy ýaşaýar, garamaýagyňky – şu taýdakydan suwytly parh edenok. Her kim ýetişiksiz gara günde. Kürenden göçürilip eltilenleriňem şäherde bal güne batjaklary näbelli, gör-bak welin, iň kyny ýene keseden baranlaryňky bolaýmasa: o taýyň düzgünine öwrenişýänçäň, iş tapynýançaň, aýaga galýançaň, gör, näçeler wagt gerek boljak. Oň üstesine-de deňiz bilen aýraçylyk, ata-baba göbek ganyň daman ýerinden aýrylmak, galan ömrüňe öz arassa kenaryňa zar bolup ömrüňi ötürmek... O taýda-da

deňiz bar, olam şu deňziň dowamy diýýäler, bolanda nä, gep diňe şor suwuň başyna baryp, wagt geçirip gaýtmakdymy? Gep seniň nirede hem nähili ýaşaýanyňda ahyryn. Jaýlary hernäçe horaşaja bolsa-da, durmuşlary eljiretmese-de, bu taýy olaryň özleriniňki, öz öýleri, öz dogduk kenarlary. Emma o taýda welin, deňzi küýsänlerinde haýsydyr bir ýat kenara baryp-gaýtmaly, şonuň bilenem oňňut etmeli boljak.”

Bu oýlary başyndan geçirdigiçe, Aýbäbek öz adamsynyň soňky aýlardaky gorky-howsalasyna has beter gowy düşündi. Megerem, Annameret bu adamlaryň hemmesiniň başyna düşjek nätanyş günleriň hupbatyny öňünden çynlakaý duýan ýeke-täk kişidir, şonuň üçinem ol gije-gündiz özüne ýer tapman, pikirdeşsiz, goldawsyz kösenip ýörendir. Gepiň balykda däldigine, ”Men balykçy, ata-baba balykçy, ölýänçäm şol hünärim bilen ýaşajak” diýende, onuň topragym diýip ýapyşdygy ahbetin, Aýbäbek nä muny bilmän durmy? Ýöne käşgi oňa kömek etmek Aýbäbegiň elinden gelýän bolsady diý. Bu adamlardanam indi Annamerediň arkasyny alan ýok, sebäbi bularyň hemmesi takdyryna boýun bolanlar. Şonuň üçinem bulara Annameret gaýduwsyz hem garadangaýtmaz, hatda tekepbir bolup görünýär. Ýogsa, Annameret nire, tekepbirlik nire? Ol şu küreniň ody bilen girip, küli bilen çykyp ulalan oglan. Ýöne adamlaryň biperwaýlygy, biweçligi lapyny keç edip, ony barha köpçülikden daşlaşdyryp gidip otyr. Eý, Hudaý, munuň soňy nämä bararka?”

Aýbäbek, ýüregi howlap, daşaryk çykdy. Çagalykdan belet gazaýak sütünleriň üstünde amanat oturan agaç jaýlaryň hem onda-munda dikgerişýän tamkepbeleriň egrem-bugram hatarlaryna göz gezdirip, hamana birinji gezek görýän dek, olary gussaly gözleri bilen gaýta-gaýta synlady. Soňam yzyna, öýe girip, çykyş sandygyny açdy, ondan alan iki gat kagyzyny

haly bukjasyna epläp dykdy-da, bäbejigini gujagyna gysyp, daşaryk çykdy.

– Babajan! Baba! – oglanjyk tamyň arkasyndan, güýmenip oturan ýerinden ylgap geldi.

– Näme, eje?

– Hany, ýör, düş yzyma!

Ol şeýdip, ugrybir kürenden çykdy. Soňlanan ýazyň näzik alamatlary bolup, birnäçe wagt mundan öň onda-munda ülpüldeşip, gözleri aldan gyzyl-çog gülälekleriň görküni hem uzakda galan näzik gyz arzuwlaryny küýsedi, tiz köýen arzuwlarynydyr eýýäm tomsuň yssysyna uçan gyzyl gülälekleri ahmyr hem çuňňur gussa bilen ýatlady. Şol barşyna-da, ol şähere tarap gidýän uly ýoluň ugruna çykdy.

– Eje, nirä barýas? – diýip, Babajan kürenden ep-esli saýlanansoňlar, ejesiniň elinden çekdi.

Aýbäbek ikirjiňlenip, nätjegini bilmän, ýene birsalym ýöränsoňlar, mylaýym seslendi:

– Oglum, men siz bilen gidip, şäherdäki täze jaýymyzy görüp gaýtjak. Ine, gör, şol jaýyň haty – ol bukjasyndaky kagyzyň çetini görkezdi. – Men muny şu çaka sandykda saklap ýördüm. Hemme kişi göçüp barjak öýlerini gördi, bizem indi görmesek bolmaz. Men, ine, ýanyma düwünçejige düwüp, duzam aldym. Biz bu düwünçegi täze jaýymyzda goýup gaýdarys.

– Nämüçin, eje?

– Näbileýin, öňden gelýän yrym-da, oglum, täze jaýa göçüp barmazdan öň, hemişe ilki içinde duz goýup gaýdylýar.

Oglanjygyň ýene-de:

– Nämüçin eje? – diýen şaňňyja sesi ýaňlandy.

– Şeýtseň, täze göçüp baran jaýyň rysgally-döwletli, toýly jaý bolarmyş.

Bu sözleri eşidip, Babajan böwrüni diňledi, ejesiniň ýüzüne aşakdan ýokaryk garap, gapdallaşyp barşyna, ahyry tüýs çagaň soragyny tapdy:

– Eje, dädem biziň yzymyzdan ýetermikä? Ol biziň şähere gidenimizi bilermi?

Aýbäbek ogluny köşeşdirjek boldy:

– Biler, oglum, heý, bilmejek gümany barmy? Balykdan gelip, görse, biz öýde ýokdurys, onsoň ol biziň täze öýde duz goýmaga gidenimizi derrew biler.

Oglanjygyň bu jogapdan göwnüniň suw içmedigi bildirdi. Ol ejesine teklip etdi:

– Eje, men yzyma gaýdyp, dädemi alyp geleýin, ýogsam ol bizi tapmaz, nirä gidenimizem bilmez. – Oglanjyk eýýäm garasy ýitip barýan kürene tarap biynjalyk garanjaklady. – Eje, dädem bizi tapmasa, gahary geler-ä.

Ejesi birneme gaharly jogap berdi:

– Gahary gelmez, nämüçin gahary gelsin, biz nä teleke bir iş edýäsmi?

– Eje – diýip, şonda oglanjyk garaja gözlerini göge dikdi, – ýokaryňa sered-ä!

Aýbäbek depesine gözüni dikdi.

– Gökde näme barmyş?

– Göreňokmy, eje, han-a, beýläk seret, şol gara buludy göreňokmy? Howa bozulsa, dädem hasam ýadap geler. Sen bolmasaň, nähili bor, eje? Ertir täze jaýymyza hemmämiz bile gidäýeliň-le!

Aýbäbek aýak çekip, bir dem sazanaklap, öňe-yza zowzuldady.

– Şondanam bir bulut bormy, ol-a ýöne sakarbaragyň gaçyran ýelegi, şol ygyp barýar!

Diýse-de, şondan soň onuň şähere tarap aýagy ädilmedi: birde ümzügi şähere bolsa, birde yzyna, kürene tarap boldy.

Ahyrsoňam, bäbejigini gujagyna has-da berk gysyp, ahyrsoňy kürene garşy, yzyna öwrüldi.

– Onda menden galma! Gaty ýöräli, iller jaýlarynyň üstüne brezent ýapsalar, ikimizem ýapaly, ýogsa, kakaň gelýänçä, jaýymyzdan araky ýaly ýene ýagyş geçer, hemme zadymyzam öl-suw bolup eziler.

– Bolýar , eje! – diýip, yza öwrülenlerine begenjine oglanjyk, ejesiniň öňüne düşüp, hemişekisi ýaly tämikläp, çalasyn ýüwürdi.

Öýlerine gaýdyp gelenlerinde, deňziň bir çetinde ulalyp barýan gara bulut onçakly gorkuly bolup görünmedi. Şonuň üçinem Aýbäbek ogluna, bar, oýnaber diýdi-de, bäbejigini sallançaga salyp, ýanap, bir baş emdirdi. Şol barmana-da, gelniň adamsynyň ýoluna dikilip ýadan gözleri öz-özünden ýumlup, ol galagop uka gitdi.

…Ýöne onuň ukusy uzak bolmady, sähel salymdan gelin täze ýaraglaryň hem harby demir sowutlaryň asmany-zemini tutup gelýän lowurdysyna gözüni açdy. Deňiz tarapdan alaňlardan aşyp, sap-sap bolup gelýän ýat goşun onuň zähresini ýarara getirdi. Ýerden çykan ýaly, küren bilen deňziň arasynda birdenkä peýda bolan basybalyjylar hatar tutuşyp, zomaşyp gelýärdiler, bu leşgeriň asyl aňyrsy-bärsi görnenokdy. Aýbäbek olary keseden synlap, ýakasyny tutdy, munça goşun, munça esger nireden çykdyka? Dek düýnem, ýok, düýn näme işlesin, hatda şu günem, ýap-ýaňyjada, çagalaryny alyp, bu taýdan şähere gidip barýarka-da dünýe parahatdy ahyryn! Onuň bu kenarda, daşlaryň arasynda geýmini çykaryp, gizlençek ýerde suwa çümüp gaýdanam dek düýndi. Ine, indi bolsa, onuň gizligin suwa düşýän kenaryny ýat gämileriň tükeniksiz hatarlary eýeläpdir, bu soňsuz leşger hut şol gämilerden paýrap dökülip gelýär.

Aýbäbek bu wakany küreniň erkeklerine ýetirmek üçin bar güýji bilen yzyna ylgamakçy boldy, emma näme üçindir onuň dyzlarynyň ysgyny gaçyp, şunça jan etse-de, ylgap ýol öndürip bilenok, her ädimde büdreýär, her ädimde ýykylýar. Ozal belet ýolunda munça çöp-çalamyň, sansyz çukanaklaryň peýda bolşuna ol düşünip bilenok, şonuň üçinem, ýykylsa ýene hasyrra turup, bar güýji bilen kürene tarap ylgaýar. Ol görgüsini görýär: ýykylýar, turýar, ýene ýykylýar, ýene turýar, soňabaka ýerinden turmaga ysgyny çatman, emedekläp ugraýar. Beýdibem bir ýol öndürip bormy diýip, öz-özüne käýinýär. Sebäbi küreniň diňe çala garasy görünýär, bu giden aralygy nädip emedekläp geçjek? Ýok ol muňa-da kaýyl, ýöne beýdip ýol aşmak nähili kyn, ejirli, onuň dyzlary ýara boljak. Olam hiç diýseň, endam-janlary demir sowutly, dişine çenli ýaraglanan ýüzleri tutuk, gaharly esgerler alaňlaryň üsti bilen deňiz tarapdan haýdaşyp, dem saýyn golaýlap gelýärler.

Aýbäbegiň kellesine ”Muny kimdir birine ýetirip bilsem, soň özüm ölsemem hiç, heý, ýolumda ýyndam ýetginjek ýa-da çaga-çuga duşmazmyka?” diýip, başardygyndan öňe ümzük atýar. Soňam küren indi golaýlamdymyka diýip, her alaňa çykanda boýnuny süýndürip, öňe garaýar, soňam yzyndan tekepbirlik bilen kowup gelýän ýat goşun bilen arada ýene näçeräk ýol galandygyny biljek bolup, gorky bilen zol-zol yzyna gaňrylýar. Duşman arany dem saýyn ýygryp gelýär, olaryň gelşinde rehim ýok. Bu gelýänleriň duşmandygyna Aýbäbekde şübhe az: bihabar wagtyň ahmalyňy aňtap gelse, duşman bor-da, başga kim bolsun? Bular balykçylaryň kürenini ellerinden almana gelýändirler. Duşman ulyny-kiçini sylamaz, gyrar; Babajan niredekä? Wah, bäbegem eýwandajyk ýatandyr, bular onuň sallançagyny ýüzleriniň ugruna taparlar!..

Edil şol wagt kimdir biri, üstüne abanyp, onuň bu howsalasynyň üstünden yzgytsyz gülýär.

– Gaçyp barmaň näme? Olar bize degmezler? Meni göreňokmy, ynha, gorkman durun-a! Gorkuly bolsa, menem gaçardym. Ýöne bular sögüşmeseň, sowgat berýäler.

– Sen kim? – diýip, Aýbäbek aşakdan ýokaryk garap, nätanyş gelinden soraýar. Soňam, ýerinden turup, soragyny gaýtalaýar: – Sen kim? Bulary nirden tanaýaň? Bu gelýänler kimler?

Nätanyş gelin owadan mele gözlerini güldürýär.

– Sen nä menem tanaňokmy? Seň adamyň meň adamym bilen dost. Ýöne sen bu gelýänlerden gorkma! Ynha, meň lagl monjugymam bar! Dakynyp görjekmi?

– Waý, ýok! – diýip, Aýbäbek çirkin gygyrýar. – Men dakynjak däl, men munuň ýaly monjugy gowy göremok!

– Dakynmaýşyňy?! – diýip, nätanyş gelin içýakgyç gülýär. – Bersem-ä, baý, dakynarsyň-la!

Aýbäbek oňa aýylganç howsala bilen seredýär-de:

– Sen Aýpimi? – diýip soraýar.

Nätanyş gelniň gözlerinde düşnüksiz şugla uçganaklaýar.

– Hawa, men Aýpi, näme tanamajak bolýaňmy? Mönsüreme, tanaýandygyňy bilýän, äriň tanasa, seňem tanadygyň bor-da! Siziň hemmäňizem meni tanaýaňyz, bar işiňizem – gije-gündiz meň gulagymy gazamak. Käşgi özüňiz menden üýtgeşik bolsaňyz?! Siziň menden nämäňiz artyk?! Haçan siz öz boýnuňyzyň egrisini biljek? Bu gün-erte küreni taşlap, güm bolýaňyz bu taýdan, nä şonam menden görjekmi onsoň, hä?! Men nä size şeýdiň diýdimmi?

– Jan dogan! – diýip, Aýbäbek ondan haraý isleýär: – Men saňa hiç zat diýemok, ýöne sen maňa şu goşundan sypmaga kömek et! Ikimiz duşman gelýänini adamlara habar edeli, iki bolup ylgasak, bular biziň yzymyzdan ýetip bilmezler.

Aýpi gahar-gazap bilen birde Aýbäbege, birde-de ýaraglaryny şakyrdadyp, arany ýygryp gelýän soňsuz goşuna garaýar. Başyny aşak salýar, soňam derrew ýüzüni galdyryp, aýgytly görnüşe geçýär.

– Aýal adamyny bezäp-besläp bilmeseň, ony bezäp-besländen gabanyp nätjek?

Aýbäbek düşünenok, sorag berýär:

– Sen muny kime diýýäň, maňamy?

Aýpi gahar bilen elini salgaýar.

– Saňa diýemok-la, ana, hol, ysnatlara diýýän! Öz namartlyklaryny her kimden görjekler welin, özlerinden görjek däller!

Aýbäbek ýene zar-zelil ýalbarýar:

– Jan dogan, sadagaň bolaýyn, bu wagt göwün-kinäň wagty däl, ýör, gaçaly! Ýör, bulaň gelýänini kürene habar bereli!

Aýpi onuň bolşuny haýpygelijilik bilen synlaýar, başyny ýaýkaýar.

– Aýdanam ekenik-dä, aýdamyzda, olar bu leşgere hötde gelip biljekmişlermi? Goý, gaýta gorkubam ýetişmän, hemmesi birden gyrylsynlar! O bolmanam, olaryň diri bolduklary däl, görenden gep çekip ýörler. Men bulardan irgin. Meniň gül ömrümi kül eden şular dälmi, namartlar! – ol jynssyz gülýär. – Öz ysnatlyklarynda meni günäkärlediler, hemme zady meniň üstüme atdylar, özlerem akja jüýjemiş. Ýöne bu goşuny ozalam men getiremok. Senem baryp bularyň gelýänini aýtsaň, gaýta hemmesini senden görerler. Erkekleň ädehedi şeýle: ejizliklerini gizlejek bolup, beter ejizlige ýüz urýarlar. Men näme, olaň meni ölüme höküm edenine razydyr öýdýäňmi?

Aýbäbek gorkuly rowaýatdan ýadynda galan zady gaýtalaýar:

– Eger sen şonda bir lagl monjuk üçin bulara hemme zady gürrüň bermedik bolsaň, onda biziň ýurdumyza çozup gelmezdiler!

Aýpiniň öňküdenem beter gahary gelýär, ol edil guýrugyndan basylan ýylan ýaly başyny dik ýokary galdyryp, haşyrdaýar:

– Sen, heleý, geplejek gepiňi bilip geple! Bular duşman däl, biziň dostlarymyz. Bular meň arymy almaga gelýärler. Bularyň küren bilenem, beýleki bilenem işleri ýok, bular seniň äriňi tutmaga gelýärler!

Aýbäbek ýüregi ýarylan ýaly bolup, iki ýana elewreýär.

– Ýör, onda aýdaly oňa, gaçsyn tizräk, gizlensin deňziň içinde!

Aýpi erbet ses bilen jak-jaklap gülýär.

– Heý, şunça goşundanam gizlenip bormy? Bular ony ýeriň aşagyna girse-de taparlar, gaçyp sypan ýeri bolmaz!

Ol şeý diýýär-de, aňyrdan ýaraglaryny, demir sowutlaryny şakyrdadyşyp, ýer süýşen ýaly bolup ýetip gelýän goşuna albaý bulaýar.

– Geliberiň! Men bä-äärde! – onuň elindäki ýelýyrtan ýaglyk al-howada galgaýar. – Geliň, men size onuň nirde gizlenenini görkezeýin. Ol menden sypyp bilmez! Onuň indi tepbediniň okaldygydyr, siz ondan meniň arymy alyp beriň!

Aýbäbek onuň bolşundan elheder alýar, onuň ellerine-aýaklaryna güýç gelip, hasanaklap ýerinden turýar-da, Aýpiniň arkasyndan aslyşýar.

– Bes et gygyrmaňy! Bes et! Sen olara Annamerediň nirdedigini aýtma, şugullama! Olar ony öldürerler, olar duşman-a!

Aýpi yzyna öwrülip, onuň ýakasyndan ebşitläp tutýar.

– Seniň duşman diýýänleň maňa lagl monjugyny berdi, dost diýýänleňem deňze gark etdi!

– Etseler, günä seniň özüňde ahyryn! Ilki aýagyny gyşyk basan seň özüň dälmi nä?! Sen dälmi nebsine buýrup bilmedik?

Aýpiniň demme-dem yzgydy gaçýar, onuň ýüzi agaryp, agzyndan ot bilen ýalyn çykýar:

– Men gowy ýaşajak, bezenjek, beslenjek, kimiň ne işi?!

Aýbäbegiň kellesine aýlawly pikir gelýär: ”Zat janyny alan… Men bu tulany berim-peşgeş bilen yrmasam, işimi gaýtarar, duşmany dogruja Annamerediň üstünden elter…”

– Aýpi, başyňa-gözüňe döneýin, beýtme, meniň öýümi ýykma! Näme diýseň, bereýin, mende zat kän, sandygymda gyzyl-kümüş kän. Galkan ýaly kümüş gülýakam bar, şony bereýin, özem zer çaýylan, daşlaram hakykdan. Ýedi goşma goş bilezigim bar – olam seňki, ýöne şu duşmanlary dep et, gaýtar yzyna bulary, Annameredi heläk etme! Biziň çagalarymyz çülpeje, Annameredi alsaň, men başymy çaraman, direnip duran hossarymam ýok, bolanam özüni oňarsa kaýyl bolaýmaly, öňem ýetimçilik bilen gören günüm ýok, indi seniňki näme?! Ärimi alsaň, men haram ölerin, çagajyklarmyň kişi gapysynda ezenegi agar, beýtme Aýpi!

Aýpiniň gözilginç owadan gözlerinde nebsewürlik ody oýanýar.

– Aldamazmyň?

– Wah, aldap nädeýin! – diýip, Aýbäbek janserek bolýar. – Meniň saňa ýalan söz bergim barmy? Söz berdimmi, diýenimi hökman bererin, artygy bilen. Başga-da zadym kän, olaram seniňki, ýöne sen bu goşuny duruz, gaýtar yzyna! Seret, bular ýetip gelýär, ýetseler, biz gutulyp bilmeris.

Aýpi içýakgyçlygyny edýär, ýerliksiz ýerde näzirgäp, ýylan ýaly towlanýar.

– Ýok, men seň bir gepiňe-de ynanamok! ”Ö” diýseň, öýkeniň görünjek bolup dur, onsoň sende onça gyzyl-kümüş näme işlesin?!

Demir sowutlarynyň şöhlesi bilen göz gamaşdyryp, ýat esgerler iň soňky belent alaňdan bäriligine paýrap inýärler. Ýat esgerleriň käbiri Aýbäbegi görüp, ädimlerine has-da bat berýärler, arasynda ylgaşlap ugraýanlaram bar. Aýbäbek gyssaga düşýär, ol hem öz janyndan, hem çagalarynyň, hem adamsynyň janyndan gorkýar. Onsoň ol ýakasyndaky kümüş gönjügi sypyryp, Aýpiniň eline tutdurýar.

– Me, al şuny, al! Entek şuny al, soň hemmesini özüm elinjek getirip bererin, sen ýöne şulary gaýtar!

Aýpi lowurdap duran zerli kümüş gönjügi aýasyna alyp, eýlesine-beýlesine öwrüp, siňňin synlaýar, duşmanyň ýetip gelýäni onuň piňine-de däl.

– Munuň özüňkiligi çynmy?

Aýbäbegiň jany ýanýar. Ol saklanyp bilmän, ýaňsylaýar:

– Ýok, özümki däl, saňa ogurlyk zat daşaýan! Bäş öýli küreniň içinde goňşyň gönjügini ogurlap, ony nirede dakynjak?! Gyzkam, ejem janyň gadyr edip, ýörite ussa buýrup ýasadanja şaýy, nätjek, nesibäm aýrylyşandyr-da, al, indi seniňki bolsun!

Aýpi ”nätsemkäm?” diýip, ikirjiňlenip, alkymlap gelen sülsat goşuna garap, gümürdenýär. Soňam gözlerini onuň gulakhalkalaryna dikýär.

– Ysyrgalaňňam ber!

Aýbäbek hasyr-husur sypyryp, kümüş gulakhalkalarynam onuň aýasynda goýýar.

– Me, al, ýöne bol çaltrak!

Aýpi duşman bilen aralygy gözleri bilen ölçäp, ýene eglenýär. Aýbäbek onuň bolşuna mundan artyk çydap

bilenok, Aýpiniň ýakasyndan tutup, ony güýjünde baryny edip silterläp, uly ili bilen gygyrýar:

– Bol, duruz indi bulary! Duruz diýdim men saňa! Ke-emçin duruz-a, duru-uuuz!..

Aýbäbegi öz sesi bilen deňje çyrlap çykan çirkin bäbek sesi oýardy. Görse, iki eli bilen ykjamlap tutup, bäbekli sallançagy bar güýji bilen silterläp ýatyr. Bäbek gorkup oýanypdyr. Esewan etse, özem endam-jany öl-suw. Onuň üstesine-de emmesi iýdirdip, ukuda göwsünden süýt dökülipdir.

"Ýeri bu näme indi?.." diýip, ol özbaşyna hüňürdäp, başyndan sypan öýmesini alyp, döşlerine sürtdi, ýakasyndan elini sokup, göwüslerini süpürişdirdi. Soňam ýaňja gören düýşünden iň erbet pursatyny hakydasynda aýlap, doňup galdy… Men ol bagtygara kümüş gönjügimi beräýdimmi? Soňam ýene bir zat ýadyna düşüp, ellerini hasyrra gulaklaryna ýetirdi – gulakhalkalary ýerinde. Wah, käşgi şulary alyp, ynjalaýsa betbagt… Işigaýdan-a men boldum: ölä zat berseň, gowulygyň alamaty-ha däldir… Wah, men guraýyn. Nämüçin beýtdimkäm, aljyratdy-da meni.

Ol bäbegini garsa gujagyna alyp, tamkepbeden çykdy-da, goýy gara buluda çümen Günüň ýerini çaklap, oňa garşy ýedi ädim ätdi, soňam üç gezek egniniň üstaşyry tüýkürdi: "Taňrym, bela-beterden gora! Ýaman düýş ýagşa ýorulsyn!" Ertir Gün doganda turup, ýüzüň görnensoň, ýaňadandan dileg ederin-dä, sadagasy gitdigim, bu wagt-a ýaşanyň-ýaşmanyňam belli däl. Kabul edeweri, Taňrym, biz garybyň dilegini! Wah, Annameret…

# 6

Bu adajyk atam döwründen bäri deňziň ortasynda gomlaryň güwwüldisini diňläp, olaryň badyna üwrelip ýatyrdy. Ululy-kiçili tolkunlar etegine urlup, gaýnap, köpürjikläp, töwerege syçranda ol edil göge uçup gidiberjek ýaly galkyjaklasa-da, suwdan örküni üzüp bilmezdi. Tolkunlar has güýçlenip, hamana, ýerinden gozganyberende, bu ada gomlaryň arasynda ýol ýitirip, indem ugralla öňe ümzük atýan ullakan gämini ýatlatsa, onuň inçe tarapyndaky Aýpiniň depesi-de – ol gäminiň burnuna meňzärdi.

Adany şol depäniň ady bilen atlandyryp, oňa ”Aýpiniň adasy” diýýänlerem ýok däldi. Balykçylar bu adany halap barmazdylar: yns-jynssyz ýatan ýylçyr daşlaryň mährewsiz üýşmekleri hem-de depe bilen baglanyşykly nämälim gorka ýugrulan taryh – bu ada aýagyny basanyň ýüregine howsala salardy. Ýöne Annameret welin, «Balykgoragyň» inspektorlary söbügine münende, kowgudan gaçyp, ýygy-ýygydan bu adada gizlenerdi.

Ine, häzirem ol öz gaçybatalgasynda bukulyp otyrdy. Uzak oturmaly bolany üçin, bu gezek onuň ýüregi gysyp başlady. Şonuň üçinem ol özüni yzarlap ýören ”Balykgoragyň” motorly gaýygynyň adadan daşlaşan wagtyny peýläp, ýerinden turdy-da, daşlaryň arasyndaky bukusyndan çykdy, töwregine ätiýaçly garanjaklap, bukdaklap, adanyň bir çetinde beýgelip görünýän Aýpiniň depesine geldi. Gaýanyň edil gyrajygyna baryp, deňziň düýbüni synlady. Edil häzir suwuň ýüzi dynç bolansoň, deňiz tä düýbüne çenli görnüp ýatyrdy. Annameret öz ugruna birde gök, birde ýaşyl öwsüp ýatan deňziň çuňlugyny tä gözleri ýadaýança synlady durdy. Şol barmana-da, onuň göwnüne, gorkuly rowaýatda gürrüňi

edilýän syrly monjugyň «ýatanmyş» diýilýän ýerinde, deňziň ymgyr çuňlugynda lowurdap, nämedir bir zat gözüne görnüp giden ýaly boldy. Annamerediň süňňi elendi, çünki, rowaýata görä, şol monjuga irde-giçde gözi düşenleriň uçdantutma hemmesine keç ýazgyt garaşýardy. Bu ýakada ol taryhy bilmeýän barmy nä?

Rowaýata görä, mundan üç ýüz ýyl çemesi ozal bu taýda birdenkä ýat kenardan ýüzüp gelen näbelli adamlar peýda bolupdyrlar. Garaşylmadyk myhmanlary garşylan bolmandyr, ýöne deňziň gyrasynda owadanja daşlary çöpläp ýören Aýpi atly bir ýaş gelin çola kenarda labyr taşlan bu täsin gelmişeklere tötänden gabat gelipdir. Aýpi çekinip durman, olar bilen üm alşypdyr. Gelmişekler uçursyz bilesigeliji adamlar eken, onsoň gürrüň uzaga çekipdir. Hoşlaşanlarynda gelmişekler ol gelne owadan lagl monjugyny sowgat beripdirler. Sowgat berlen monjuk gyrmyzy gan reňkinde şeýle bir çabrap öwüsýär eken welin, Aýpi ony dakynyp, kürene garşy ýüzüni öwren badyna uly il onuň boýnundaky bu üýtgeşik monjugy görüpdir...

Gelin deňiz aňyrsyndan getirilen monjugyň lowurdysy bilen öňünden çykanlaryň gözüni gamaşdyryp, kürene gaýdyp gelipdir. Ol balykçylaryň uzyn agaç aýakly tamkepbeleriniň arasyndaky egrem-bugram darajyk köçelerden özünden göwnühoş hem tekepbirlik bilen ädim urupdyr. Şol wagt küren obada Aýpiniň sowgadyna gözi gidip, oňa görüpçilik etmedik aýal-gyz galmandyr.

Ýaş gelinleriň biri öz öýüniň deňine gelende, Aýpiniň golundan tutup saklapdyr-da, oňa sorag beripdir:

– Aýtsana, Aýpi, olar saňa nädip beýle sowgady eçilip bildiler? – gelin töwereklerine ýygnanyp ugran boýdaşlaryna gabak astyndan garap, köpmanyly gürläpdir: – Görküňe dagyha aldanan däldirlerd-ä...

– Ýo-ok-la, gyz... – diýip, ömür öz görküne buýsanyp ýören gelin näzirgäpdir. – Onuň üçin däl-le, senem ýöne oňaraýýaň...

– Geň zat... Onda saňa ol sowgady nämäňe guwanyp berdiler? Parslaryňka meňzeş adyňamy? – diýip, gülşüp, aýallar onuň has-da beter daşyny alypdyrlar.

– Aýtsan-a, gyz, tizräk, nämüçin berdiler onda? Sabrymyzy suw etme-de aýt-da!

Aýpi näzirgäp, dil ýarypdyr:

– Men olara öz güzeranymyz, kürenimiz, iň güýçli kişilerimiz hakda gürrüň berdim, erkeklerimiziň nädip balyk awlaýandyklaryny görkezemde, olar gyzyl-gyran gülüşdiler.

Gelin-gyzlar öňküdenem beter geň galypdyrlar.

– Şonuň ýaly bolgusyz zat üçinem olar saňa şeýle gymmat sowgat etdilermi? Ony biziň haýsymyzdan soraňda aýdyp bilmejek?!

– Men olara öz kenarymyz hakda-da gürrüň berdim, kürenleri sanadym. Haýsy kürende näçe adam bardygyny araňyzda menden gowy bilýäniňiz barmy näme?

Aýallar içlerini tutupdyrlar: bu tulanyň bagtlydygyny, munuň maňlaýyndan çykyp ýören zady görsene! Önsuzam küreniň erkekleriniň gözi şunda, ind-ä lagl monjugy-da üstesnine...

Diňe haýy gidip, waýy galan bir kempir bu şowhuna goşulman, ýüzüni-gözüni eňşedipdir.

Ol eňegini gemmerdip, dodaklaryny çömmeldip, nämedir bir zatlar sarnap, dynuwsyz hüňürdäpdir, Aýpiniň golaýyna aralaşjak bolup, duranlary itekleşdiribem görüpdir. Emma «Dursanyzlaň, siziňki näme?» diýip, lagl monjugyň lowurdysyna erkini aldyran ýaş gelinler oňa teý ýol bermändirler. Onsoň kempir tä gelinleriň owsuny ýatyşýança garaşmaly bolupdyr. Şowhun kiparlansoň, dişsiz kempiriň

häliden bäri irginsiz gaýtalap duran sözleri ahyry gelinleriň gulagyna ýetipdir.

– Garaklaryň gapylsyn seniň, mmh... – edip, kempir birçak gurap giden, ikbaş ýalyja ýumrugyny kelemenledipdir. – Başymyza bela getirsiň sen biziň! Bela çagyrsyň! Seniň boýnuňa ol näletsiňmiş monjugy gelmişekler ýöne ýere dakan däldir, ýönelige dakmazla-ar! Ýelniň üzülsin seň, ýelni üzülen. Sen olara biziň berekedimizi tabşyrypjyk gaýdypsyň, köwegiň biri köwek, mmh… hemme zady aýdypsyň sen… Göçer indi bu ýakalardan bereket, bagtymyza baran ýagdyrsyň sen biziň, baran ýagdyrsyň!..

Kempir şol bir diýenini gaýtalap, olardan arany açyp gidipdir: «Garaklaryň gapylaýsady seniň bir, tula diýsäni! Barymyzy bir ýalaga gyrdyrsyň sen biziň, gyrdyrsyň!..»

Ol bir Nuhuň tupany bilen ýaşyt, görmedigi görde galan kempir eken. Şonun üçinem onuň gargyşyny eşidensoňlar, gelinleriň ýüregine howsala aralaşypdyr. Olar aňk-taňk bolup duran Aýpini köçäniň ortasynda ýalňyz goýup, dessine dargamak bilen bolupdyrlar. Özlerem: «Bagtymyza baran ýagdyr bu biziň, ýagdy-yyr!” diýşip, kempiriň agzyndan çykan sözleri howsala öwrüp, gaýtalap, öz ýanlary bilen alyp gidipdirler.

Agşamlyk küreniniň aksakgallarynyň geneşi bolupdyr...

Küreniň iň edenli balykçysy, Aýpiniň äri Dädeli aksakgallaryň geneşinden gelnine buýrulan jezanyň agramynyň astynda berdaşly eginlerini sallap, ýegşerilip çykypdyr. Balykçynyň gulaklarynda bolsa, öz söýgüli aýalyna aksakgallaryň çykaran ýowuz hökümi hem soňky sözleri ýaňlanypdyr: ”Onuň gelmişeklere näme diýeni bizi gyzyklandyranok. Bizi gorkuzýan zat – onuň gelmişekler bilen arasyny sazlamagy. Şonuň üçinem biziň aramyzda oňa orun ýok”.

Aksakgallaryň maslahat jaýyndan ýüzüni sallap, gaýgy-gussa batyp çykan balykçynyň, göýä egninlerinden agyr labyr basýan dek, aýaklary zordan ädilipdir. Ertesi hem ol gara daňdandan, şu depäni görkezeýin bahanasy bilen, entek il örmänkä, aýalyny alyp, deňze çykypdyr...

Ol aýalyna: «Iň gowy geýimleriňi geý, boýnuňa-da lagl monjugyňy dakyn. Ol saňa üýtgeşik gowy gelişýär!» diýipdir. Şeýdibem olar Gün dogmanka küreni terk edip gidipdirler. Aýpi entek gaýykda otyrkalar, nähilidir bir ýakymsyz galagoplugyň barlygyny syzypdyr, emma diňe ada gelip, deňze abanyp duran ýalňyz depäniň üstüne çykansoňlar, äriniň buz ýaly gözlerine gözi düşende, öz tepbediniň okalandygyny bilipdir. Ol iň soňky pursatda, äriniň gözüne güýdüşip, gaçyp sypjak bolupdyr, emma başa barmandyr. Dädeli ony gödeňsi gollary bilen garsa gujaklapdyr-da, depäniň çür başyndan köpürjikläp ýatan deňiz gomlarynyň içine oklap goýberipdir. Deňiz aňyrsyndan gelen monjugyň agramy gelne suwuň ýüzünde uzak saklanmaga idin bermän, ony öz agramyna şor suwuň düýbüne bakan dartyp alyp gidipdir...

Şol zamanlardan bäri-de, çagyrylmadyk myhmanlar iru-giç ýene gaýdyp gelerler, özi-de, indi gelseler, sowgat-serpaýly däl-de, hökman elleri ýaragly gelerler diýen gorky bu kenardaky adamlaryň gursagyna hemişelik çöküpdir.

Annameret rowaýatdaky şol näletsiňmiş monjugyň dynman betbagtçylyk çagyryp ýatan çuňlugyna ýene bir gezek gorkuly göz aýlady-da, yzyna öwrülip, öz buky ýerine gaýtdy. Onuň emenjek çukury syzlap agyrdy: indi gaýdyp bu ada gelmen, gümündenem aňryk gitsin!

Edil şol wagt hem motorly gaýygyň sesi gaýtadan ýakynlaşyp ugrady. «Balykgoragyň» ony yzarlap ýören kateri

adajygyň günorta ýakasyny syryp, haýallyk bilen ýüzüp barýardy. Daşly adany, edil elek elän kysmy, gözleri bilen sermeläp gözläp barýan ”Balykgoragyň” ýaş, entek juda gögele görünýän inspektoryny Annameret bu gezek ine-gana synlady. Kateriň burnundaky baýdajyk garşylykly şemala uçaýsam-uçaýsam diýip, aýagyndan daňlan deňiz çarlagy kimin ganat kakýardy...

Kater adanyň töwereginde edil ýüregedüşgünç güýz siňegi dek wazzyldap aýlanyp ýördi, asla bu ýerden gitjege meňzänokdy. Görnüşine görä, ýaş hem bolsa, bu inspektor motorly gaýygyň özünden gaçyp, açyk deňze ýüzüp gidip bilmejegini aňýan bolmaly. Ol gaýygyň şu taýda ýitirim bolandygyny aňşyryp, şonuň üçinem adanyň daşynda öwrülip ýören bolsa gerek. «Gögeläň biri diýsäni!» – diýip, Annameret ýüreginden syzdyryp käýindi, eline saldam berip duran daşy bar güýji bilen onun yzyndan aýlap saldy. – Tapjak gümanyň barmy! – diýip, ol dişini gyjady: – «Men ýok» diýdim-ä saňa, onsoň ýoklugy bor-da! Gidiber öz ugruňa, nä adam tutmak planyň dolmajak bolup durmy diýsene?

Kater birdenkä burnuny açyk deňze tarap öwürdi-de, duýdansyz ýerden adadan daşlaşyp başlady. Az wagtdanam ol eýýäm mawy deňziň üstünde gara nokada öwrüldi. Annamerediň kelleseine: «Ol gaýdyp gelinçä bu taýdan garamy saýlaýsam näderkä? – diýen pikir geldi. – Belki, başardar, ýetişerin?»

Ol buky ýerinden çykyp, aşak düşmäge başlady. Onuň gaýygy ada süsňäp girýän çuň güzerde del gözden sowaşyk, mäkäm bukulgydy. Bu güzeriň görnuşi birgeňsidi, hamana, Nuh eýýamynda haýsydyr bir eýmenç ýuwdarha öte gahar bilen: «Diňe siz däl, bizem bu dünýäde ýaşapdyk, biziňem dişimiz siziňkiçe bardy! Görüň, ynha, onuň güýjüni!” – diýip,

ada agyz urup, onuň ýoňsuz bir bölegini goparyp, deňziň düýbüne alyp giden ýalydy.

Ol gaýygynyň ýanyna geldi. Emma gizlenen ýerinden çykaraýyn diýip, ýaňy bir erňeginden tutanda, sakçy kateriň nokada öwrülip, gözden ýitip giden ugrunda, uzak gözýetimde ynjalyksyz nokat göründi. Deňziň üstündäki ynjalyksyz nokat salymyny bermän, ulalyp gelýärdi. Annameret ýene-de derrew buky ýerine dolanmaly boldy: «Diýmäýin diýsem, gögelän gögelesi! Seniň asla öýe gaýdyp barasyň gelenok öýdýän. Gelmeýän bolarly! Onda indi özüňden gör... – Arasyna wagt düşdümi-düşmedimi, garaz, ol dem salymdan ýaş inspektora haýbat atýan äheňde: – Onda sen tupana garaşyber...” diýdi.

Tötänden agzyndan sypan bu söz bilen deňizde başlanan üýtgeşikligiň arasynda nähilidir bir baglanyşyk bardyr öýdüp, şol wagt onuň entek kellesine-de gelmändi. Bu sözi agzyna salan duýgynyň nesilme-nesil deňiz ýakasynda ýaşap ýören adamlara mahsus gaý-tupanyň howpuny has öňünden syzmak ukybydyr öýdüp, ol entek oýlanybam ýetişmändi. Ýöne diýmesiz sözi diýdi-de, balykçy derrew dilini dişledi, töweregine ynjalyksyz garandy. Şonda onuň gözleri uzak günýaşarda içi balykly kölçe ýaly bulanyp barýan çal asmanda eglendi...

Entek deňiz arkaýyndy, ol diňe oýaly-ukuly pişik ýaly myrlap, çalaja sojap, köpürjikleýärdi, ulurak tolkunlar gämä çalymdaş adanyň burnuna urlup, pytrap gidýärdiler. Şonda gözýaş ýaly şor damjalar göge syçrap, soňam töwerege seçelenip, howada oýun gurýardylar.

Annameredіň gursagyna uşajyk howsala aralaşdy, hamana, näbelli bir ýyrtyjy ýüregine dyrnakman penjelerini ýetirip, indem urup duran ýüregini agzyndan çekip çykarmaga synanyşýan ýalydy. Soňabaka bu göze görünmeýän

ýyrtyjynyň gaýtalanyp duran hereketi bizar-peteňini çykaryp, endamyny dyglatdy.

Garaňakyrap barýan alyslyga tiňkesini dikdigiçe, Annameret şol uzaklykda bu taýdan gowy görünmeýän, ýöne elhenç bir howsalanyň gopup ugrandygyny, özem onuň hä diýmän şu taýyk, onun duran ýerine yňdarylyp gaýtjakdygyny syzdy.

Deňziň üsti bilen serginjek şemal öwsüp geldi, ýöne hany onuň lezzeti? Ol – şo taýdan geldi ahbetin! Tolkunlar göýä kimdir biri ämärt güýç bilen ýeňselerinden itýän dek, garşydaky kenara bakan ýelkildeşip, aşyrym-aşyrym geçmesini ýygjamlatdylar… Indi wagtyň gyssagy özündedi, töwerek dem saýyn üýtgäp barýardy. Gözýetim gitdigiçe daralyp, edil şu taýda, hut Aýpiniň adasynda gutarnykly tapyşmak üçin töwerekläp, oňa golaýlap gelýärdi.

Günorta tarapdan aldyrany bar ýaly bolup ýetip gelen kater adanyn daşyndan iň soňky gezek öwpülip barşyna, onuň üstündäki sakçy örboýuna turup, megafonda bir zatlar-bir zatlar diýip gygyrdy, haýp, ýöne onuň sözleri Annamerede gelip ýetmezden, göz açyp-ýumasy salymda şor suwa çaýylyp, pagyş-para eräp, ýitip gitdi.

Soňra-da uzak eglenip durman, kater kenary nazarlap, gözden ýitdi. Annamerediň eşitgir gulaklary güýjäp barýan deňiz güwwüldisiniň arasynda ”Balykgoragyň” kateriniň daşlaşyp barýan gürrüldisini saýgardy. Diýmek, kateriň bu gezek gidişleýin gitjegi çyn. Annameret begenjinden ýaňa:

– Hany, gitmejek ýalydyň-la! – diýip, onuň yzyndan gyjalatly gygyranyny-da duýman galdy.

Soňam ol derrew gaýygyny gizlän güzerine bakan aşaklygyna ylgady. Alňasap barşyna, tasdanam ýylçyr daşyň üstünden taýyp ýykylypdy, her hal ýarganat kimin, ýylçyr gaýa bütin göwresi bilen ýelmeşip, zordan ýykylman

saklandy. Onuň deregine aýagynyň aşagyndan gopan kelle ýaly daş aşaklygyna, suwuň gyrasyndaky diş-diş ýiti daşlaryň üstüne güwläp gaýtdy.

Aşak düşensoň, balykçy gaýygyny suwa salyp, onuň motoryny dakdy-da, daşlaryň arasynda öňden gizläp goýan tüňňürini getirmäge eňdi. Motoryň ýangyç guýulýan gabyny ýangyçdan dolduryp, boş tüňňüri gaýygyň düýbüne, ullakan bekre balyklaryň agyzlaryny açyşyp, howany gapyşyp ýatan ýerine oklady.

Soňky döwürde ymykly giren düzgün boýunça bu töwereklerde bekreleri awlamak bolanokdy. Gyzyl balyklary öz erkiňe awlamagy gadagan edýän kanun çykansoň, küreniň awçylary ýuwaş-ýuwaşdan ol kanuna boýun bolup, bekre awlamaklaryny bes etdiler. Annameret olaryň öz hünärlerini ýatdan çykaraňkyrlandygyny gaty bir geňem görüp duranok, ýogsa nä: gaýyklary, taýmyllary köneldi, abzallary poslady, torlary çüýredi, hatda gaňrak ýasamak hem olar üçin indi kyn iş. Olar balykçylykdan ata-baba toplan tejribelerini unudyp, ukyplaryny başga ugurlara gönükdirdiler: kimsi şäherden iş tapyndy, kimsi-de – uzak obalardan. Balykçylar wagt geçdigiçe täze oňşuklaryna öwrenişip gidip otyrlar. Indi aralarynda deňze özbaşdak çykmagy küýseýänem azaldy. Setanda-seýranda taýmylly deňze çykaýsalar-da, uly awlary – takga ýa çapak. Bu kürenden indi diňe sanlyja adam döwlet balykçylyk hojalygynda işleýär diýmeseň, galanlarynyň eklenji gury ýere daňyldy.

Elbetde, küreniň ýaşaýjylary işbil iýmeklerinem bes edenokdylar, gyzyl balykly palawdanam ýüz öwürýän ýok, toýlarynam şonsuz sowanoklar, ýöne munuň üçin deňze girmek hökman däldi. Özleri aw awlamany goýansoňlar, olar gyzyl balyk iýmegiň başgarak ýollaryny öwrendiler. Balykçylyk hojalygynda işleýänler gyzyl balyklary arzan

alyp, oba getirip, gymmat satyp gidýärler, şonuň üçinem, elbetde, küren balyksyzam bolanok. Gyzyl balygy çapagyň bahasyndan alyp bilseň, armanyň näme? Käte olar Annamerediň hyzmatyndan hem peýdalanardylar. Garaz, ata-babadan gelýän balyk awlamak endiklerini ýitireňkirleselerde, gyzyl balyk iýmek endiklerini ýitirjege meňzänokdylar.

Bu günem Annameret daň bilen gijeki gurup gaýdan gaňrakly tanapyny barlamaga deňze çykdy. Bazar güni bolansoň, sakçylar görnerem öýtmändi, howa-da, gowusyny arzuw eder ýaly däldi, deňiz imisalady. Ol gaňraklaryny birbirden barlap çykmak üçin, kenara ugurdaş edilip dartylan tanapynyň bir çetinden girdi. Dykylaryň suwuň ýüzünde gaýyp ýöreni ýok, hemmesi suwuň aşagynda, diýmek, gaňyrçaklar boş däl. Çak edişi ýaly-da boldy, aw ganlydy: işbilem az bolmaz, ony-da öňünden çaklasa boljakdy. Gyzyl balyklaryň köpelýän möwsümi entek doly geçenok, onsoň şowuna düşse, işbilsiz galmajagyň görnüp dur. Wah, balykçynyň watany deňizdir-le, onuň gury ýerde ne köri bar? Annamerediň keýpi kökdi, şonuň üçinem bu wagt aýdyma hiňlenesi geldi, elbetde, wagt bolanlygynda, belki hiňlenerdem, arman, hemmesi başgaça boldy. Garaşman durka gözýetimde duýdansyz ýerden “Balykgoragyň” tanyş kateri göründi...

Ynha, indi gorky sowuldy, ol arkaýyn öýüne dolanyp baryp biler. «Balykgoragyň» ýaş, irginsiz inspektoryny kowup bereni üçin Annameret bu wagt ýetip gelýän tupana tüýs ýürekden minnetdardy. Şonuň üçinem ol ilkibaşda tupany jüpüne düşen zat hasaplady. Arman, onuň lezzetini görmäge wagt ýokdy – alada ýetikdi, gaý güýjüne girmänkä tizräk öýe aşmalydy. Aýbäbegiňem gözi ýoldadyr, deňze garap, daş işikde näçe diýseň, zowzuldaýandyr.

Annameret gaýygyň motoryny otlap, adanyň gündogar ýakasyndan aýlanyp, ýüzüni kenara garşy öwürdi. Ol deňizde gije gurup goýan tanapyny bu wagt soňuna çenli barlap bilmejegine gynandy, ýogsa edil häzir oňa kim päsgel bersin? “Ýeri, bolýar-da, soň barlaryn-da – diýip, ol öz-özüni köşeşdirdi. – Ýöne, elbetde, bu tupandan soň tanapdan derek tapylaýsa…»

Şeýle küýlere gümra bolup, Annameret ep-esli aralygy geçdi, adanyň garasy ýiteňkirledi. Soňra duýdansyz ýerden motoryň sesi üýtgedi... Birdenkä-de ol sen-men ýok, tapba öçdi ýatyberdi. Öňki badyna ýene biraz ýüzen gaýyk, uzak gitmän, tizara saklanyp, suwuň ýüzünde çaýkanjyrap, ikiýana yraň atdy. Kenara ýeterden entekler örän daşdy. Balykçy gaýygyň motoryny täzeden otlajak bolup synanyşdy. Bolmady. Ýene-de synanyşdy – bolanok. Soňky synanyşyklar-da şowsuz gutardy.

«Ýandyryjylardandyr!» diýen pikir onuň kellesine geldi. Olary çykaryp, süpürişdirip, täzeden ýerinde oturtdy, bary biderek, netijesiz. Kalbyny lerzana getirip, barha güýçlenip barýan howsala bilen başa-baş göreşip, ol motoryň käbir böleklerini söküp-düzdi. Soňra-da, maňlaý derini syldy-da, Hudaýy çagyryp, motoryň ýüpünden batly dartdy – ses ýok. Nätmeli? Balykçy gaýygyň burnuny tolkunlara garşy öwrüp, gazap bilen dişini gyjady – edil gorkunç ertekidäki agzyndan ot saçýan ýedi kelleli aždarha kimin, tupan gözüň alnynda ulalyp, töweregi gaplap barýardy. Onuň kellesine oslagsyz ýerden bir howsalaly pikir aralaşdy, şonda ol gaýygyň düýbünde düňderilip ýatan boş tüňňüre bakan okduryldy. Tüňňüriň gapagyny açyp, eliniň aýasyna onuň içindäki suwuklykdan azajyk guýup gördi, şonda tasdanam onuň essi aýylypdy... Aýasyndaky ýagjymak suwuklygyň üstünde der damjalary dek suw düwmejikleri togarlanyşyp ýördüler...

Arada bir gun tüňňürleriň ýanynda çagalaryň oýnap ýörşi onuň güpbe ýadyna düşdi, göwnüne bolmasa, olaryň biriniň elinde hatda tüňňüriň gapagyny-da görüpdi. Megerem, şonda çagalar boş tüňňüri suwdan dolduran bolarly… Annameredem ýangyçlydyr öýdüp, suwly tüňňüri getirip, bu taýda gizläp gidipdir. Benzinli tüňňürem bu wagt kümede önküje ýerinde joňkaryp oturandyr.... Balykçy aldawçy tüňňüri gahar-gazap bilen başyndan aýlap, şeýle bir zybyrdadyp zyňdy welin, onuň badyna tasdan gaýyk agdarylypdy.

Ol näderini bilmän, töweregine garap, gaýygyň üstünde birsellem alaçsyz üwrelip durdy. Ýöne bu wagt her minut gyzyla barabardy, tizräk çykalga tapmalydy. Gara gaý äpet gara ganatlaryny galgadyp, onuň üstüne abanyp, sürnüp gelýärdi. Onsoň ol gaýygyň küreklerini ýerine ötürdi-de, bar güýç-gaýratyny gollaryna jemläp, öz depesinden iýnip gelýän eýmenç beladan sypmak üçin kenara bakan aldygyna kürekläp ugrady...

# 7

Jöwzaly epgek baýyrlaryň üstünde ýaýnaýan ýalpy ýazy ýeňiljek tozga başlary bilen birlikde üfläp ülkeden aşyryp goýberdi, çölüň üstüne möjegiň derisi ýapylana dönüp, töwerek garyp çal reňke geçdi. Yssy çekip-çydardan çökderdi. Deňziň üsti bilen ajy şemal öwüsýärdi. Onuň agyr ysy bardy. Adamlar janyna tara tapman kösenýärdiler: birde ylgap öýden çyksalar, birde ylgaşyp, ýene-de özlerini türkana öýlerine atýardylar. Garry-gurtularyň haly has hem teňdi, olar bu bela-beter yssyny çaý içip, ýeňjek bolýardylar, olar howanyň birden betine tutubermeginden nägile bolup, arasynda hüňürdäp görýärdiler, emma hany ondan netije?!

Günüň howruna gyzyp, ýetjek derejesine ýeten çäge depeleri syrap, deňze baka süýşmäge başladylar. Olaryň ýakyp-ýandyryjy demi çabrap, gitdigiçe kenara golaýlaýardy. Çäge depeleri kenarda egnini gysyp oturan balykçylar küreniniň üstünden ätläp geçip, özüni deňze ursam, Günüň birehim gyzgynyndan gutulsam diýýäne meňzeşdi. Emma deňziň öz çekýän jebri-de az däldi. Onuňam göwnüne, alyslarda çalaryp ýatan gözýetimiň aňyrsynda enaýy salkynlyk bar ýalydy, öz kenarynda başly-barat oturan balykçylar küreniniň üstünden agdarylyp, şaglap geçip, hamana, şol salkynlyga ýetip biläýjek ýalydy.

Gün öýläne sananda, töwerege ýürekgysgynç dym-dyrslyk aralaşdy. Ýerden Göge çenli aralyk abanyp gelýän nätanyş bir howpa garaşyp, elendi. Janly-jandarlar alňasak hinli hinlerine, sürenli sürenlerine özlerini atdylar. Çarlaklar sürlenişip, garalyp barýan denziň üstünden ýiti ses bilen pessaýlap uçdular, soňam nirädir bir ýitirim bolup gitdiler.

Bu taýyk iki gapdaldan – gündogardan hem günbatardan abanyp duran çal gaýalar deňiz bilen gury ýeriň golaýlaşyp

gelýän beýik tutluşygyna ýer arçap, gaýra-gaýra çekilýäne menzediler.

Onsoň Deňiz Gury ýeriň üstüne sürnüp, hüjüme geçdi... Deňiz alyslarda bir ýerde garaşýan salkynlygyň gujagyna özüni oklap, ýakyp-ýandyryjy yssydan janyny gutarmak üçin galkyjaklap, öňe okduryldy. Ol öz öňüni gabsap ýatan kenaryny edil goç süsen ýaly jalkyldadyp süsüp, yza çekilýärdi. Indikisinde has beter güýç bilen öňe okdurylmak üçin özüni dürsemäge howlugýardy. Onuň güýji egsilerli däldi, jümmüşinden bir ýerden gelip goşulyp durdy. Adatdakysyndan aňyrrak geçmek başardanda, deňiz tenini gyzgyn çägä çawladyp, edil öjükdirilen kepjebaş deýin haşyrdap, ak köpürjik başyny galdyryp, öňe topulýardy-da, soňam derrew yza çekilýärdi, iňňildäp, öz gyrak-bujaksyz eteklerini içine dolap alýardy, ýabany haýwan kimin, ýarasyny ýalaýardy. Soňra-da indiki pursatda güýjünde baryny edip, ýaraly ýyrtyjynyň hyjuwy bilen öňünde keserip ýatan kenarlarynyň üstüne gaýtadan okdurylýardy.

Darkaşygyň ýeten derejesinden çen tutsaň, Deňiz bilen Gury ýeriň dowamat döräli barýan jedeliniň ahyrsoňy kimiň haýryna çözüljegi hut şu gün belli bolmaly ýalydy.

Gün ýaşmady-da, gaýnap duran gara dumanyň içinde gark bolup, gözden ýitip gitdi. Ol bu gezek öz yzynda hatda täzeden dogar diýen umydy-da goýmady. Onuň yzysüre asman çat açyp, öz ýerinde güňleç güwwüldäp hem elenip duran hüýt gara boşlugy galdyryp, böleklere bölünip, pytrap ugrady.

Kenardaky adamlar bu boluşda iň elhenç bela-beterleriň alamatyny gördüler. Sakgallary gözleriniň agy bilen deňleşen gojalar-da, öz ýaşan ömürlerinde munuň kimin bela-beteri görmändiklerini boýun alyp, zeýrendiler. “Bu gije deňiz

hökman *myhman geler* – diýip, howsala düşdüler. – Bu gije ýatmak bolmaz, ýatsak – üstümizi gapyl basdyrarys”.

Hemişeki ýaly, adamlaryň ýene Aýpi hakyndaky rowaýat hem ýatlaryna düşdi... Kimdir biri geňsi hasap öwrüp, hamana, bu tupan şol rowaýatdaky Aýpiniň deniz aňyrsyndan gelen nätanyş gelmişekler bilen duşuşan wagtyna gabat gelýär diýip, welilik satdy. Şonda bireýýäm könelip, öçügsilenip giden rowaýata jan girene dönüp, adamlaryň içki galagoplugy has-da artdy.

– Ýagşam bir gorkjak zadyňyzy tapdyňyz! – diýip, Rejep çişik balykçylaryň köpüsi şöwür çekmek üçin ikindin Hojadurdy uzynyň giňiş tamkepbesine ýygnananda, yrymçylaryň üstünden güldi. – Bu wagt biziň, islesek, Aýyň böwrüni hoňkartmaga-da güýjümiz ýetjek! A siz bolsa, atam döwrüniň rowaýatyny ýatlap, saňňyldaşyp otyrsyňyz.

Onsuzam köreçel elektrik yşygy bu gün has ir öçensoň, tüssesi gözüňi ýaşardýan pelteli ýag çyrasynyň daşyna üýşüp, şonuň bilen mydar edip oturan balykçylary Rejep çişigiň aýdany köşeşdirmän, tersine, gaýta howsalalaryny artdyrdy. Aýyň geljekki ykbalyny howatyr eden öý eýesi ünjüli gürledi:

– Aýy deşseň, inim, ol deşikden bärligine mundanam erbet ýel ursa nätjek? Ony etmek bolmaz. Ol gözsüz-batyrlyk bolar. Olar ýaly oýlanyşyksyz iş edilse, göräý welin, soň aýratynam biziňki ýaly tamkepbede ýaşaýanlara kyn bolar. Şol sebäpdenem, däninim, Rejep, sen ony beýtdirmejek bol! Sen özüň bir ýarym şäherli adam, ýoluň zol-zol paýtagta düşýändir, ol ýere baraňda, biziň pikirimizi alymlar aýt: goý, olar Aýa-Güne ýanaşmasynlar! Aý-Gün – gökde ata-baba duran zat, olara degmek nämä gerek? Aýyň aňyrsynda näme bardygyny kim bilýär, ony bilýän ýok, ony bizem bilemzok, onsoň alagada onuň böwrüni garaldaýmak bolarmy?! Näme ýerde nyşana tükenipmi? Aýa-Güne ýanaşsaň, näme bela

gopjagyny öňünden nä biljek? Ony diňe gopanda bilip galarsyň, ol hem giç bolar. Şonuň üçinem ol gudratlara degmäniňden gowusy ýokdur. Sen, han ogul, alymlara şony düşündirjek bol.

Çüýşeli ýag çyrasynyň daşyna aýlanyp oturan balykçylar Hojadurdy uzynyň diýenini ýürekden goldadylar. Olar birsellem asman jisimleri barada pikir alyşdylar, jedel etdiler. Emma tupan güýçlenip, oturan çalamydar tamkepbelerini elesledip ugranda, asman giňişliginden ýere dolanmasalar, olaryň dagy alajy galmady. Şondan soň asmany öz ugruna goýup, balykçylar öz güzeranlaryny gaýgy etmeli boldular. Bu tupan, megerem, balykçylaryň köpüsini tamkepbelerini täzeden gurmaly eder, ýöne hany oňa artyk serişde? Küreni tizräk bu ýerden şähere göçürjek bolýanlaryň güni geldi, balykçylara indi bu taýda durarlyk galmasa gerek.

Çülpeleriň azary artsa-da, adamlar tupan sowulýança bu ýerde galmagy ýüreklerine düwdüler. Ulular gürrüňe güýmenseler, ene-atalarynyň dyzlaryny ýassanyp ýatan çagalar çyra çüýşesiniň içinde şeýtan kimin bökjekleýän, epilip-bükülip-dikelip, tukat hem birsydyrgyn tomaşa görkezýän oduň oýnuna güýmenýärdiler. Aýallar biraz yzda, öz ärleriniň arkasynda, alagaraňky ýerde hümürdeşip, derdinişip, dillerini jukguldadýardylar...

Gitdigiçe güýçlenip barýan tupana döz gelip bilmän, daşky gapy birdenka jarka açyldy. Çygly howa kimdir birini gözläp ýören dek, ylgap, öýüň törüne geçdi, gödeklik edibem, ýüzugra pelteli çyrany üfläp öçürdi. Aýallar içlerini çekişdiler, oturanlaryň biri gapyny ýapmaga ylgady. Nur Tagan otluçöp çyzanda, kepbedäkiler ölügsi oduň ýagtysyna gojanyň ýüzündäki ýygyrtlaryň gündüzkiden çuňlaşyp, kölegeli çylgymlara öwrülendigini gördüler. Onuň ýüzi adatdakysyndan susdy. Çüýşedäki şeýtan towsaklap, gaýtadan

öz oýnuna başlanda, adamlar ýene-de deňze gulak asdylar. Goja bolsa öz howsalasyny mälim etdi:

– Her hal irgözinden gaýyklarydyr taýmyllary-ha taýynlap goýduk – şo-da bir gowy zat. Ýöne arasynda daş çykyp, barlap durmaly, *myhman* duýdansyz geläýmesin!

Tupanyň şol güýçlenip gidip oturşydy, Hojadurdy uzynyň gözgyny külbesi oňa tap getirmän, şatyrdap elenýärdi, bu öý ýeliň indiki aşyrymynda ýerden örküni üzüp, içindäkiler bilen bile asmana uçup gidibererli görünýärdi. Oturanlar soňabaka tas gygyryp diýen ýaly gürleşmeli boldular, çünki ýel kepbäniň daşyndan aýlanyp ýörşüne, özüne kän ýerden sümelge deşik tapynyp, sykylyklaýardy. Pelteli ýag çyranyň ysgynsyz ýagtysyny-da öçürjek bolýardy, adamlaryň ýüregine dowul salyp, gazabyna tutan tebigat öz bimöçber güýjüniň öňünde janly-jandaryň alaçsyzlygyny görkezmäge çytraşýardy. Üçegiň üstüne ýapylan brezenti ýel ykdyryp sypyrany üçin şatyrdap gelen jala ýagyş hä diýmän, kepbäniň içine joralanyp ugrady. Erkekler daşaryk ylgap, brezenti öňküsi ýaly kepbäniň üstüne ýapyp, süllümmaý ezilip, yzlaryna geldiler. Tupanyň garşysyna öz güýçlerini synap görensoňlar, adamlaryň birneme gujury artan ýaly boldy, olar degişmäge-gülüşmäge synanyşdylar.

Emma garaňky öýe gabalan adamlaryň hyjuwy uzaga gitmedi, sesleri peselip, tizara kepbäniň içine ýene-de tanyş susluk aralaşdy. Bu ýagdaýyň näçe wagta çekenini anyk bilýän ýokdy. Adamlar soňabaka öz alaçsyzlyklaryndan ýadap, gury töňňä meňzediler, ölügsi ýagty kepbäniň diwarlaryna indi diri adamlaryň däl-de, eýse gury töňňeleriň suratyny çekýäne meňzeşdi. Iňňildemekden, aglamakdan ýadan uşaklar, usurgap, bireýýäm uka gitdiler. Tebigy belanyň nämedigine näbelet çagalar ululary̆ň bu ýüregedüşgünçligi tükedip, nämüçin daşaryny ýagtyltmagyň

ugruna çykmaýandyklaryna hiç düşünip bilenokdylar. Ýetginjekleriň özlerine göwünleri ýetýärdi, şonuň üçinem olar öz eneleriniň hem gyz doganlarynyň gözleriniň öňünde edil ulular dek köpmanyly görünmäge çalyşýardylar.

Ulülardan hiç biri kirpigini kirpigine gatanokdy. Gulaklaryny gerip, güwwüldini diňleşip otyrdylar. Deňiz aç ýyrtyjy kimin, çaltlyk bilen öz kenarlaryny gemirýärdi. Emma tebigatyň hyjuwy ýetjek derejesine ýetende, deňziň güwwüldisi hem asmanyň gübürdisi göz açyp-ýumasy salymlyk köşeşip, birdenkä bu haý-haýly gijäniň tümlüginiň çür depesine ýüregiňi paralap, iniňi tikenekledýän aýal nalasynyň atylyp çykmagy üçin az wagtlyk dymdy.

– Anname-ere-ee-et!..

Kepbedäkileriň süýr depesinden gaýnag suw guýlana döndi, oturan ýerlerinde doňup galdylar. Soňam, akyllaryna aýlanyp, duran-duran ýerden daşaryk, çagbaly ýagşyň hem tupanyň astyna – deňze garşy okduryldylar.

Aýal sesi kenaryň üstünde pelesaň urýardy. Ol töwerekde üznüksiz gaýtalanyp, edil tupanyň özi bolup köwsarlaýardy. Ol ses her gezek gaýtadan ýanlananda, adamlar irde-giçde deňze çykyp, soňra-da yzyna gaýdyp gelmedik, gark bolan balykçylaryň ozal unudylan, uzak ýyllar boýy ýatdan çykarylan atlaryny eşitdiler durdular.

Aýbäbegiň ýanyna ylgap gelenlerinde, onuň üstünde oturan gara daşy ýaly birçak dilden galyp, huk bolanlygyny gördüler. Ýel onuň saçlaryny penjeläp-penjeläp alýardy, ol bolsa, rehimsiz gijäniň ýüregini oýaryp, indem deňziň güwwüldisi bilen asmanyň gübürdisini diňläp, iki bükülip otyrdy.

Balykçylar gijelikde Käbe enäni ýatdan çykarandyklaryny bilip, içlerini tutdular. Agtaryp, ony hem kenardan tapdylar. Kempir ezilen towuga dönüp, edil ysytma tutýan dek galdyraýardy. Garryny-da, Aýbäbegi-de öz külbelerine

eltdiler. Ganaty gyrlyp, öz sürüsinden galan ýaraly guşlary ýatladýan agyr haldaky zenanlary görmek balykçylaryň derdine dert goşdy. Olar deňziň öňünde özleriniň näme ýazyklarynyň bardygyny bilenokdylar, şonuň üçinem, hiç zada düşünmeýändiklerini boýun alyp, eginlerini gysýardylar.

Adamlaryň çekýän ejiri diňe jahan ýagtylansoň ýeňledi. Güwwüldiden ýaňa gapylara gelen gulaklary az-azdan açylyşyp, küreniň ýaşaýjylary dura-bara ýene adaty sesleri eşidip ugradylar. Şonda olar gijeki tupanyň ýatyşyp, gündizligiň gelendigini gördüler. Tamkepbelerinden ätiýaçly çykyp, ikirjiňlenişip, bir-birden deňziň kenaryna ýöneldiler.

Deňziň halys ysgyny gaçyp, agzyny ak köpürjik edip, ýuwaşjadan sojap ýatyrdy, ol öz kenarlaryny ýabany pişik kimin dyrnaçaklap, ahmyrly ses edýärdi. Lagşan köne taýmylyň öňki ýerinde ýoklugyny gören adamlar: deňiz ony *öýüne äkidipdir* diýşip, deňiz ýakasynda ýaşaýanlaryň däbine görä, yrym etdiler.

Birek-birege bimany gep atyşyp, adamlar kenarda ep-esli eglendiler. Gün süýr depelerini gaýnadyp ugranda, balykçylar öýli-öýlerine dargadylar. Soňra-da bu ýerden bir günde başbitin göterilmek üçin, goş-golaňlaryny düwüşdirip, sessiz-üýnsüz taýýnlyk görmäge başladylar...

EDEBI-ÇEPER NEŞIR
AK WELSAPAR

**AÝPI HAKYNDA ROWAÝAT**
**Gysga roman**

Stockholm, “Gün” neşirýaty
Türkmen dilinde

Redaktor Aýlar Orazowa
Dizaýnçy Lena Kwist
Tehniki redaktor Iññer Sten
Korrektor Aýlar Orazowa

Çapa gol çekildi 12/IV-05 ý. Formaty 145x203.
Ofset kagyzy. Ofset basymy. 5,5 ark. Tiražy 500 ekz.
Sargyt No. 88. Bahasy ylalaşyga görä.

Şwesiýada neşir edildi